# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – ULAG-ARAGATNAŞYK STRATEGIÝASYNYŇ DURMUŞA GEÇIRILMEGI NETIJESINDE TÜRKMENISTAN SEBIT WE YKLYM ÄHMIÝETLI WAJYP ULAG-LOGISTIK MERKEZ HÖKMÜNDE EÝELEÝÄN ORNUNY BARHA PUGTALANDYRÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
29-njy noýabr, 2024. Belgisi 48/1614



27-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «ÝHHG-niň çäginde parlament diplomatiýasy: dialog – abadan we asuda geljek üçin hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň guraly» atly maslahata gatnaşmak üçin ýurdumyza sapar bilen gelen Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Parlament Assambleýasynyň Başlygy hanym Pia Kaumany kabul etdi.

# TÜRKMENISTAN–ÝHHG: NETIJELI HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, ÝHHG-niň sebitde we dünýäde parahatçylygyň, abadançylygyň pugtalandyrylmagy ugrunda çykyş edýän Bitarap Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýändigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz hanym Pia Kaumany mähirli mübärekläp, saparynyň dowamynda onuň gatnaşmagynda geçiriljek, parahatçylygy üpjün etmekde dialogyň ornuna bagyşlanan forumyň hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik berjekdigine ynam bildirdi. Döwlet Baştutanymyz pursatdan peýdalanyp, maslahatyň üstünlikli geçmegini arzuw etdi we onuň şu gezekki saparynyň Türkmenistan bilen ÝHHG-niň Parlament Assambleýasynyň arasynda gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge täze itergi berjekdigini nygtady.

Bellenilişi ýaly, Garaşsyz Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalary esasynda iki gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine üýtgewsiz ygrarly bolmak bilen, oňyn daşary syýasaty yzygiderli durmuşa geçirýär. Ýurdumyz köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň çäklerinde abraýly halkara guramalar, şol sanda ÝHHG-niň Parlament Assambleýasy bilen netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine uly ähmiýet berýär.

Söhbetdeşler häzirki wagtda parlamentara gatnaşyklaryň ýurtlaryň we halklaryň arasynda özara ynanyşmagy, düşünişmegi pugtalandyrmagyň möhüm gurallarynyň biri bolup çykyş edýändigini nygtadylar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan bilen ÝHHG-niň Parlament Assambleýasynyň arasyndaky däp bolan gatnaşyklaryň okgunly häsiýete eýedigi aýdyldy. Türkmenistanyň Mejlisiniň wekiliýeti assambleýanyň sessiýalaryna, onuň howandarlygynda geçirilýän dürli okuw maslahatlaryna işjeň gatnaşýar. Şunuň bilen birlikde, ykdysady ösüş, energiýa serişdeleriniň dürli ugurlar boýunça durnukly iberilmegini üpjün etmek, ekologik abadançylygy, daşky gurşawy goramak, suw serişdelerini rejeli peýdalanmak ýaly meseleler boýunça hem tagallalary utgaşdyrmagyň möhümdigine üns çekildi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň häzirki döwrüň ösüşiniň anyk wezipelerini çözmek üçin ÝHHG-niň Parlament Assambleýasynyň çäklerinde netijeli dialogyň işjeň alnyp barylmagyna ýardam bermäge taýýardygyny tassyklap, hanym Pia Kauma berk jan saglyk, abadançylyk, jogapkärli işinde üstünlikleri arzuw etdi.

* * *

Şol gün paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda «ÝHHG-niň çäginde parlament diplomatiýasy: dialog – abadan we asuda geljek üçin hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň guraly» atly ikinji Aşgabat maslahaty geçirildi. Maslahat Türkmenistanyň Mejlisi hem-de Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Parlament Assambleýasy tarapyndan bilelikde guraldy. Çäräniň esasy maksady sebitleýin dialogy pugtalandyrmakdan, geljek nesilleriň abadançylygynyň bähbidine howpsuzlygy, pugta parahatçylygy üpjün etmek üçin toplumlaýyn çemeleşmeleri öňe sürmekden hem-de ilerletmekden ybaratdyr.

Maslahata Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy we deputatlary, ýokary okuw mekdepleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar. Foruma gatnaşmak üçin ÝHHG-niň Parlament Assambleýasynyň Başlygy Pia Kauma, assambleýanyň Merkezi Aziýa boýunça Ýörite wekili, halkara bilermenler, Awstriýanyň, Germaniýanyň, Daniýanyň, Italiýanyň, Kipriň, Norwegiýanyň, Polşanyň, Rumyniýanyň, Fransiýanyň, Horwatiýanyň, Şwesiýanyň, Belarusuň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Ukrainanyň görnükli jemgyýetçilik hem-de syýasy işgärleri, parlamentarileri Aşgabada geldiler. Foruma gatnaşyjylaryň wekilçilikli düzümi okgunly ösýän Türkmenistana bolan gyzyklanmanyň artýandygyny, halkara jemgyýetçiligiň howpsuzlygy, durnuklylygy we ählumumy durnukly ösüşi pugtalandyrmagyň möhüm şerti hökmünde Bitaraplyk hukuk derejesiniň ähmiýetini we ornuny ykrar edýändigini nobatdaky gezek tassyklady.

## Türkmen-hytaý ylmy-innowasion forumy geçirildi

*26-27-nji noýabrda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýa parkynda «Innowasiýalar, täze tehnologiýalar we olary önümçilige ornaşdyrmagyň meseleleri» atly III türkmen-hytaý ylmy-innowasion forumy geçirildi.*

Bu möhüm çärä gatnaşmak üçin Hytaý Halk Respublikasynyň ylym we tehnologiýalar ministriniň orunbasary hanym Lin Sin, şeýle-de dostlukly ýurduň ylmy-barlag merkezleriniň ýolbaşçylaryndan, ylmy işgärlerinden, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlaryndan ybarat wekiliýet Aşgabada geldi.

Çykyş edenler düýpli we amaly ylmyň ösdürilmeginiň, halkara ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryny öwrenmegiň, önümçilige innowasion tehnologiýalaryň, geljegi uly işläp taýýarlamalaryň giňden ornaşdyrylmagynyň islendik döwletiň gülläp ösüşiniň esasyny düzýändigini, adamlaryň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga ýardam berýändigini, senagat taýdan ösüş we oba hojalygy üçin täze mümkinçilikleri açýandygyny, geljegiň bäsdeşlige ukyply ykdysadyýetini emele getirýändigini nygtadylar.

Ylmy çykyşlarda bolsa, dürli ugurlary ösdürmegiň nazary we amaly taraplary, Türkmenistanda we Hytaýda alnyp barylýan ylmy-barlag işleriniň möhüm ugurlary, bäsdeşlige ukyply, ekologik taýdan arassa, ykdysady taýdan netijeli ýokary tehnologiýalary döretmegiň, önümçilige ylmy çözgütleri işjeň ornaşdyrmagyň usullary beýan edildi. Türkmen we hytaý alymlarynyň arasynda özara gatnaşyklary ýola goýmak, ýurdumyzy ösdürmegiň maksatnamalarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň çäklerinde geljekki bilelikdäki ylmy işler üçin hyzmatdaşlygyň ugurlaryny kesgitlemek barada gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Ylmy we tehnologik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak, işgärleri taýýarlamak, ylmy-tehnologik innowasiýalar pudagynda gazanylan üstünlikleri baýlaşdyrmak döwletara gatnaşyklary ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary hökmünde kesgitlenildi.

Forumyň ikinji gününde ikitaraplaýyn duşuşyklaryň we «tegelek stoluň» başyndaky söhbetdeşlikleriň birnäçesi boldy. Olarda ylmy edaralaryň hyzmatdaşlygynyň geljegi uly ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.



«Himiki tehnologiýalar, tebigy çig mallary gaýtadan işlemekde innowasion tehnologiýalar», «Nanotehnologiýalar, täze materiallary işläp taýýarlamak we öndürmek», «Biotehnologiýalar, oba hojalygynda innowasion tehnologiýalar», «Seýsmologiýa», «Maglumat we telekommunikasiýa ulgamlary, kompýuter tehnologiýalary», «Energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalar, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri», «Lukmançylykda we farmakologiýada ýokary tehnologiýalar», «Ynsanperwer ylymlar» ýaly mowzuklar boýunça pikir alşyldy. Forumyň jemleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalara gol çekildi.

## Ata Watanymyz – ösüşleriň ýurdy

*Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegini, mähriban halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmek ugrundaky döwletli başlangyçlary ildeşlerimiziň tutanýerli zähmeti bilen sazlaşyp, döwletli tutumlar rowaçlyklara beslenýär. Ajap eýýamymyzyň her bir gününde gazanylýan üstünlikler, ýetilýän sepgitler taryhyň şanly sahypalaryny ýazýar.*

Makroykdysady durnuklylygy saklamak, ykdysadyýetiň pudaklaryny, sebitleri mundan beýläk-de okgunly ösdürmek, maýa goýumlaryň esasy bölegini önümçiligi düýpli döwrebaplaşdyrmaga, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirmek ýurdumyzyň baş maliýe resminamasynyň geljek ýyl üçin esasy wezipeleriniň hataryndadyr. Her ýylda zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, talyp haklarynyň, döwlet kömek pullarynyň we beýleki durmuş tölegleriniň möçberiniň ýokarlandyrylmagy hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň halkyň eşretli durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilýändiginiň subutnamasydyr. Mälim bolşy ýaly, ýakynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň taslamasyny Türkmenistanyň Mejlisiniň garamagyna ibermek hakynda resminama gol çekdi.

Hökümet mejlisinde hormatly Prezidentimiz geljek ýylda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna ykdysadyýetiň ugurlaryna jemi 40,1 milliard manat möçberinde düýpli maýa goýumlary gönükdirmegiň meýilleşdirilýändigini aýtdy. Şu ýylyň ahyryna çenli bolsa 38 milliard 500 million manat möçberinde düýpli maýa goýumlar özleşdiriler. Bu wezipe «Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynda» bellenilendir. Şu ýylyň on aýynda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna maýa goýumlary özleşdirmegiň meýilnamasy 106,2



göterim berjaý edildi. Bularyň ählisi ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň yzygiderli berkemegini häsiýetlendirýän möhüm görkezijiler bolup durýar.

Azyk bolçulygynyň üpjün edilmegi ýurdumyzyň ykdysady strategiýasynyň ajaýyp netijesidir. Oba hojalygynda toplumlaýyn özgertmeleriň amala aşyrylmagy, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi, hususy pudagyň hemmetaraplaýyn goldanylmagy netijesinde, bu ulgamda düýpli üstünlikler gazanyldy. ■ 2

## Halkara üstaşyr ulag ulgamlaryna bagyşlanan maslahat we sergi

*26-27-nji noýabrda paýtagtymyzda «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş – 2024» atly halkara maslahat we sergi geçirildi.*

Söwda-senagat edarasynda geçirilen halkara foruma dünýäniň 40-dan gowrak ýurdundan 600-e golaý wekil gatnaşdy. Şolaryň hatarynda ugurdaş döwlet we hususy düzümleriň, halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň, ÝHHG-niň, Bütindünýä bankynyň, Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri bar. Şeýle-de myhmanlaryň arasynda «Fly Dubai», «Cargo Lux», «Lufthansa Consulting» ýaly halkara logistika we ekspeditorçylyk kompaniýalarynyň, Halkara howa ulaglary assosiasiýasynyň (IATA), Halkara gämiçilik edarasynyň (ICS), Halkara awtomobil ulaglary birleşiginiň (IRU), Demir ýollaryň hyzmatdaşlyk guramasynyň (OSJD) we beýlekileriň wekilleri bar.

Interaktiw sergide ulag-aragatnaşyk pudagynda gazanylanlar, netijeli we ekologik taýdan arassa logistika üçin çözgütler, döwrebap ulag ulgamlarynyň we enjamlarynyň ähli görnüşleri, ýük, ýolagçy daşamak boýunça hyzmatlar, dolandyryş ulgamlary, ulag we logistika üçin maglumat we hyzmat ulgamlary görkezilýär.

«Türkmenawtoulaglary», «Türkmendemirýollary», «Türkmendeňizderýaýollary», «Türkmenhowaýollary», «Türkmenaragatnaşyk» agentlikleriniň pawilýonlarynda bu ugurda gazanylýan üstünlikler giňişleýin beýan edilýär.

### HALKARA MASLAHAT GEÇIRILDI

Halkara maslahatda ýurdumyzyň we daşary döwletleriň ugurdaş düzümleriniň, halkara guramalaryň ýolbaşçylary çykyş etdiler. Mejlisde ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak maksady bilen, teklipler we bar bolan mümkinçilikler, durnuklylygy üpjün etmegiň şertleri beýan edildi. Çykyşlarda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ulag-aragatnaşyk pudagynyň işini kämilleşdirmäge, dünýä döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge aýratyn ähmiýet berilýändigi bellenildi.



Halkara awtomobil ulaglary birleşiginiň (IRU) Baş sekretary Umberto de Pretto çykyşynda durnukly ulag arabaglanyşygyna bagyşlanan bu maslahata gatnaşmagynyň özi üçin uly hormatdygyny we ýolbaşçylyk edýän guramasynyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygynyň netijeli häsiýete eýedigini belledi. Üstaşyr ulag ulgamynda durmuşa geçirilýän giň möçberli özgertmeler, şeýle hem dünýäniň öňdebaryjy işewür toparlary bilen ýola goýulýan gatnaşyklaryň ýokary derejesi Türkmenistan bilen gatnaşyklary ösdürmäge bolan gyzyklanmalary artdyrýar. ■ 2



### 92 müň orunlyk stadion gurlar

Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadda Patyşa Salmanyň adyny göterjek stadionyň gurluşygynyň dizaýn meýilnamasy hödürlendi. 92 müň orunlyk täze stadionyň gurluşygyny 2029-njy ýylda tamamlamak meýilleşdirilýär. ■ 4



### Gyş üçin C witamini zerur

Witaminleriň arasynda C witamini bedenimiziň esasy zerurlyklarynyň biri hökmünde tapawutlanýar. Immuniteti güýçlendirýän, deriniň täzelenmegine we energiýany ýokarlandyrmaga ýardam edýän C witamini antioksidantlaryň çeşmesi hasaplanýar. ■ 5



### UEFA Milletler Ligasynyň bijeleri çekildi

UEFA Milletler Ligasynda çärýek finalyň, şol sanda ligada galmak üçin ýa-da ýokary liga çykmak üçin geçiriljek pleý-off tapgyrynyň duşuşyklarynyň bijeleri çekildi. ■ 7



### «Liwerpul» ýaryşy dowam etdirjek ilkinji topar

UEFA Çempionlar Ligasynda 5-nji duşuşyklar geçirilip, 18 oýunda 67 gol hasaba alyndy. Sişenbe günki oýunlarda 40 gol geçirilip, UEFA-nyň bu ýaryşynda 10 ýyldan soň şeýle statistika gaýtalandy. ■ 8



# Milli Liderimiz Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrdy

*26-njy noýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrdy. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde gurulmagy meýilleşdirilýän desgalaryň taslamalary hem-de gurluşygyna başlanan binalardaky işleriň ýagdaýy, olarda ulanylýan gurluşyk, bezeg serişdeleriniň aýratynlyklary bilen tanyşdy we degişli düzümleriň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.*

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine gelip, ilki bilen, Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasteriniň önümçilik toplumlarynyň, Çeper halyçylyk kärhanasynyň binalarynyň ýerleşdiriljek ýerlerini synlady. Şeýle hem bu ýerde şäherde bina edilýän desgalaryň bezeg aýratynlyklaryna degişli dürli serişdeler görkezildi. Gahryman Arkadagymyz önümçilik toplumlarynyň ýerleşjek ýerlerini synlap, binalaryň gurluşygynyň ýokary hil derejesine eýe bolmagynyň we olaryň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylmagynyň möhüm talap bolup durýandygyna ünsi çekdi.

Milli Liderimiz bu ýerde görkezilen şekil taslamalary, gurluşygy meýilleşdirilýän binalaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary we gurluşyklarda ulanylýan dürli bezeg serişdeleriniň, yşyklandyryş ulgamynyň görnüşleri bilen tanyşdy. Bular barada Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow hasabat berdi. Bu ýerde Arkadag şäherinde gurulmagy meýilleşdirilýän hem-de gurluşygy dowam edýän desgalaryň taslamalary görkezildi. Şolaryň hatarynda Arkadag şäheriniň döwlet muzeýiniň, awtomobil menziliniň desgalarynyň taslamalary, Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasteri we onuň çäklerinde önümçilik toplumlarynyň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylarynyň görnüşleri bar.

Gahryman Arkadagymyz görkezilýän taslamalar, gurulmagy meýilleşdirilýän binalaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary, bezeg-leriniň görnüşleri bilen tanşyp, olara birnäçe belliklerini aýtdy we düzedişlerini girizdi.

**IŞ MASLAHATYNY GEÇIRDI**

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bu ýerde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazowyň hem-de Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowanyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda alnyp barylýan işler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Iş maslahatynyň barşynda D.Orazow täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda gurulmagy meýilleşdirilýän binalar üçin kesgitlenen ýer bölekleri, gurluşygy alnyp barylýan desgalardaky işleriň ýagdaýy, gurluşyk işleriniň depginlerini ýokarlandyrmak boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem ol Arkadag şäheriniň gurluşygynyň Ýewropa Hil barlaglary jemgyýetiniň halkara hil baýragyna mynasyp bolandygyny guwanç bilen habar berdi we Gahryman Arkadagymyza degişli baýragy kabul etmek we bu ugur boýunça tejribe alyşmak maksady bilen, Arkadag şäheriniň wekiliýetini Awstriýa Respublikasyna iş saparyna ugratmaga hormatly Prezidentimizden rugsat soramak baradaky haýyş bilen ýüzlendi.

Milli Liderimiz täze şäheriň ikinji tapgyrynda önümçilik maksatly desgalar toplumynyň gurluşyklarynyň amala aşyrylmagynyň şäheriň ykdysady taýdan kuwwatlanmagy bilen bir hatarda, täze iş orunlarynyň döredilmegini hem şertlendirjekdigine ünsi çekdi. Bu bolsa häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar. Şunda lukmançylyk klasterine degişli desgalar toplumynyň gurluşyk işleriniň hil derejesine we olaryň bellenilen möhletlerde gurlup ulanmaga tabşyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilmelidir. Gahryman Arkadagymyz D.Orazowyň haýyşyny hormatly Prezidentimize ýetirjekdigini aýtdy.

Binýat bolan döwründen bäri täze şäheriň dürli ugurlar boýunça birnäçe halkara güwänamalara we degişli diplomlara mynasyp bolmagy bu ýerde ýerine ýetirilýän işleriň ýokary hil derejesine, halkara görkezijilere laýyk gelýändiginiň, Arkadag şäherinde ýokary ekologik ýagdaýyň saklanmagy ugrunda tagalla edilýändiginiň nobatdaky beýanydyr diýip, Milli Liderimiz belledi hem-de bu ugurda alnyp barylýan işleri degişli derejede dowam etdirmegi tabşyrdy.

Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowa häzirki döwürde täze şäheriň çäklerinde alnyp barylýan giň möçberli arassaçylyk we abadanlaşdyryş işleri barada hasabat berdi. Arkadag şäherinde ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan şanly seneleriň, Halkara Bitaraplyk gününiň, Täze ýyl baýramçylygynyň şanyna guraljak dabaralara ýokary derejede taýýarlyk görülýär.

Gahryman Arkadagymyz täze şäheriň ýaşaýyş jaýlarynyň durmuş üpjünçiligi meseleleriniň hemişe gözegçilikde saklanmalydygyny belledi. Şeýle hem bu ýerde şanly seneler mynasybetli guralýan dabaralaryň şatlykly pursatlara, ýatda galyjy wakalara beslenmelidigini aýtdy. Guralýan medeni-köpçülikleýin çärelerde Watanymyzyň okgunly ösüşi, halkymyzyň bagtyýar durmuşy we Arkadag şäherinde gazanylýan ajaýyp üstünlikler öz beýanyny tapmalydyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri baýramçylyklar mynasybetli, bagtyýar watandaşlarymyzyň Arkadag şäherinden jaý almak bagtyna eýe bolmaklary baradaky işleri ýokary derejede guramalydygyny aýtdy hem-de öňde durýan wezipeleri ýerine ýetirmekde üstünlikleri arzuw etdi.

**«TAÝÇANAK» DIÝIP ATLANDYRMAGY MASLAHAT BERDI**

Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň ösüşleriň belentliklerine tarap ynamly gadam urýandygynyň şaýady bolan täze şäheriň çägi bilen gidip barşyna Akhan hem-de Köpetdag şaýollarynyň çatrygynda ýerleşýän aýlaw ýolunyň deňinde saklandy. Bu ýerde halkalaýyn aýlaw ýolunyň gurluşygy batly depginde dowam edýär. Milli Liderimiz halkalaýyn aýlaw ýolunyň gurluşygyny we onuň merkezi künjeginde ýerleşdirilýän şekilleri synlap, bu binany «Taýçanak» diýip atlandyrmak barada öz maslahatlaryny berdi. Çünki bedew ähli arzuwlaryň wysalydyr. Bedewe atlanan belent maksatlar bilen ak ýola rowanadyr. «Taýçanak» aýlawynyň ussat seýis Aba Annaýewiň adyny göterýän şäherçäniň golaýyndaky künjekde ýerleşdirilmegi, bu ýerde 600 baş ahalteke atyny saklamaga niýetlenen athananyň bolmagy özboluşly sazlaşygy emele getirýär.

## Iň gadymy elipbiýi tapdylar

ABŞ-nyň Jon Hopkins uniwersitetiniň arheologlary Siriýada geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde adamzat taryhyndaky iň gadymy elipbiýiň nusgalaryny ýüze çykardylar. Bu açyş Amerikanyň daşary ýurt barlaglary jemgyýetiniň (ASOR) ýyllyk maslahatynda görkezildi.

Alymlar Ýakyn Gündogaryň iň gadymy şäherleriniň biri bolan Umm el-Marrada bürünç asyryna degişli ýüzi haşamlanyp ýazylan ýazgylar bilen örtülen toýun silindrleri tapdylar. Şeýle-de ol ýerden altyn we kümüş şaý-sepler, aşhana gap-gaçlary, naýzanyň tygy we birgiden keramiki gaplar tapyldy.



Radiouglerod seljerişleri ýazgyly silindrleriň miladydan öňki 2400-nji ýyllarda döredilendigini, ýazuwyň iň gadymy nusgalaryndan, takmynan 500 ýyl öňki döwre degişlidigini görkezdi.

– Alymlar ozal elipbiýiň Müsürde ýa-da onuň töweregindäki sebitde miladydan öňki 1900-nji ýyldan soň oýlanyp tapylandygyna ynanýardylar. Ýöne tapylan artefaktlar has gadymy bolup, başga bir sebite degişlidir. Bu ýagdaý elipbiýiň gelip çykyşynyň taryhynyň köplenç pikir edilişi ýaly däldigini görkezýär – diýip, geçirilen barlaglaryň awtory, professor Glenn Şwars belledi.

**Begenç ANNABERDIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## BSGG: güýçli ses saglyk üçin zyýanly

Güýji 85 desibelden ýokary bolan sekiz sagat dowam edýän goh-galmagal ýürek-damar we iýmit siňdiriş ulgamynyň işiniň, şeýle-de beýni bilen eşidiş ulgamlarynyň aragatnaşygynyň bozulmak howpuny ýokarlandyrýar. Bu barada Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň (BSGG) barlaglarynyň netijesi Beýik Britaniýanyň lukmançylyk žurnaly «The Lancet»-da çap edildi.

Neşiriň ýazmagyna görä, howadaky goh-galmagal eşidişiň kabul edýän çäklerine aralaşmak bilen, saglyk üçin çynlakaý howp döredýär. Netijede, güýçli sesler beýni bilen eşidiş ulgamynyň arasynda näsazlyk döredip, bu ýagdaý eşidişiň doly ýitmegine sebäp bolup biler. Şeýle-de güýçli sesler ýürek-damar we iýmit siňdiriş ulgamlaryna hem çynlakaý howp salýar.



Kähalatlarda güýçli sesler sebäpli uky bozulyp bilýär. Bu ýagdaý nerw ulgamynyň we bedeniň goranyş ukybynyň tapdan düşmegine getirip, kesellere duçar edýär. Alymlar şäherlerde sesleriň derejesini peseltmäge we uky şertlerini gowulandyrmaga aýratyn üns bermäge çagyrýarlar. Bu ýagdaý bolsa, sesleriň saglyga ýaramaz täsirlerini görnetin azaldar.

**Ogulsadap DURDYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Ilkinji gaýykly halasgär robot

Hytaýly alymlar emeli aň arkaly dolandyrylýan ilkinji gaýykly halas ediji roboty işläp düzdüler. Lohe derýasynda synagdan geçirilen gaýykly robot eserdeňlik bilen gözegçilik işine girişdi. Şeýle-de özbaşdak işlemäge mümkinçiligi bolan bu robot nawigasiýa we gözegçilik tehnologiýalary bilen üpjün edildi.

Hünärmenleriň aýtmagyna görä, robotyň özi emele gelen ýagdaýy seljerip, adamyň suwa gark bolmagynyň sebäbini, onuň kömege mätäçdigini ýa-da ýokdugyny anyklaýar. Gaýykly robotyň halas ediş enjamlary bilen birlikde ýörite niýetlenen manipulýator eli hem bar. Onuň kömegi bilen robot zyýan çeken kişi gaýyga ýapyşyp bilmese, kömek goluny uzadýar.



Bilermenler adamyň suwda sessiz hem gark bolup bilýändigini, halas etmek üçin gyssagly wagtyň bolsa, bäş minutdan geçmeýändigini belleýärler. Halasgär robot bolsa wakanyň bolan ýerine adamdan çalt ýetip bilýär. Netijede, robot adam ömrüni halas etmekde aýratyn ähmiýete eýe bolup biler.

**Daýanç MUHYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Halkara üstaşyr ulag ulgamlaryna bagyşlanan maslahat we sergi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Umberto de Pretto Türkmenistanda bu ugurda gazanylýan üstünlikleriň türkmen ulag operatorlaryna halkara bazarlara çykmaga, olaryň işini ilerletmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Demir ýollaryň hyzmatdaşlyk guramasynyň komitetiniň başlygy Miroslaw Antonowiç şu ýyl Türkmenistanyň Demir ýollaryň hyzmatdaşlyk guramasyna agza bolmagyna 30 ýyl dolýandygyny belledi. Bu şanly sene Demir ýollaryň hyzmatdaşlyk guramasynyň jogapkär wekilleriniň şu ýylyň aprelinde Aşgabatda geçirilen 38-nji mejlisine gabat geldi. Hyzmatdaşlyk döwründe biz Ýewraziýa yklymynda birnäçe başlangyçlary amala aşyrdyk we bu başlangyçlary durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşandygy üçin Türkmenistana hoşallyk bildirmek isleýärin diýip, M.Antonowiç aýtdy.

Çykyş edenler şu gezekki forumyň durnukly ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy has-da giňeltmäge ýardam berjekdigine, Türkmenistanyň halkara üstaşyr ulag ulgamlaryndaky ähmiýetini giňden görkezjekdigine ynam bildirdiler. Soňra forum «Ulag-üstaşyr geçelgeleri we intermodal baglanyşyk», «Durnukly ulag ulgamlaryny maliýeleşdirmek» atly bölümçelerde dowam etdi.

Forumyň çäklerinde Birleşen Milletler Guramasynyň «Hemmeler üçin howpsuz ýollar» atly ýol howpsuzlygy boýunça çäresi hem geçirildi. Çäräniň dowamynda bellenilişi ýaly, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine we döwrebap infrastrukturanyň döredilmegine saldamly goşant goşýar. Döwrebap ulag düzümleri ählumumy durnukly ösüşiň, ykdysady taýdan ýakynlaşmagyň we ýükleri awtoulaglar arkaly howpsuz daşamagyň möhüm şerti bolup durýar.

**DURNUKLY ULAGYŇ DOSTLARY TOPARYNYŇ IKINJI MINISTRLER MASLAHATY**

Dünýäniň 40-dan gowrak ýurdundan 600-e golaý wekili bir ýere jemlän forumyň jemleýji gününde BMG-niň meýdançasynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen döredilen Durnukly ulagyň dostlary toparynyň ikinji ministrler maslahaty geçirilip, onda ählumumy derejede durnukly ulag ulgamyny ösdürmek



babatda netijeli çözgütleri işläp taýýarlamak we özara tejribe alyşmak bilen bagly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Gün tertibine laýyklykda, duşuşyga gatnaşyjylar Durnukly ulagyň dostlary toparynyň işini has-da kämilleşdirmegiň mümkinçiliklerine, oňa goşulmak islegini mälim eden täze agza ýurtlary kabul etmek meselesine garadylar. Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2014-nji, 2015-nji, 2017-nji, 2021-nji we 2023-nji ýyllarda kabul edilen durnukly ulag boýunça Kararnamalarda berkidilen wezipeleriň ýerine ýetirilişi hem aýratyn üns merkezinde boldy. Toparyň ikinji ministrler maslahatynyň netijeleri boýunça Jemleýji Jarnama kabul edildi.

## Gahryman Arkadagymyzyň eserleri ýolumyza şamçyrag

Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasynyň miwesi bolan ajaýyp kitaplary türkmen halkynyň kitap baýlygynyň has-da baýlaşmagyna saldamly goşant goşýar. Şeýle hem bu ajaýyp eserler türkmen halkynyň milli ruhy-medeni gymmatlyklaryny we ýörelgelerini gaýtadan dikeltmekde we ösdürmekde uly ähmiýete eýe bolýar. Mundan başga-da, bu gymmatly kitaplaryň diňe bir türkmen dilinde däl, eýsem, dünýäniň dürli dillerinde neşir edilmegi dünýä jemgyýetçiliginde, adamzadyň aňyýetinde uly gyzyklanma döredýär.



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden dörän «Hakyda göwheri» atly täze kitaby tamamlanyp barýan «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň ajaýyp sowgadyna öwrüldi. Gahryman Arkadagymyzyň täze kitabynyň many-mazmunynyň türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň döreden eserleriniň adamzat gymmatlyklaryna ýetiren täsiri, şöhratly taryhymyzyň beýany, medeniýetimiziň dünýä siwilizasiýasyna goşan goşandy baradaky maglumatlary özünde jemlemegi türkmen halkynyň baý medeni mirasynyň özboluşly waspnamasydyr.

Alym Arkadagymyz ýurdumyzyň Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi bolmak bilen, taryhy özgerişleri başdan geçirýändigini, haýsy döwri alsaňam, türkmen medeniýetiniň öz üniň milli gymmatlyklary bilen dünýä ýaň salandygyny, olaryň dünýäniň taryhynda uly orun alandygyny aýratyn nygtaýar.

Zähmet rugsadynda – dynç alyş günlerinde döredijilik işleri bilen meşgullanýan alym Arkadagymyzyň täze kitaby ençeme baý maglumatlary özünde jemläp, halkymyzyň bütin taryhyň dowamynda döreden hem-de häzirki nesillere miras galdyran milli gymmatlyklaryna, şan-şöhratly ýoluna, taryhda uly yz galdyran şahsyýetlerimize bagyşlanan nobatdaky ajaýyp eserdir.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz halkymyza birnäçe ajaýyp eserleri peşgeş berdi. Milli Liderimiziň jöwher paýhasyndan dörän «Döwlet guşy», «Çaý – melhem hem ylham», «Döwletlilik ýörelgesi», «Janly rowaýat» ýaly ençeme eserleri hemmetaraplaýyn kämil şahsyýeti kemala getirmekde ajaýyp terbiýe mekdebi bolup durýar.

Döredijilik zehini kämil bolan Gahryman Arkadagymyzyň ýazýan, döredýän eserleri bu gün äleme nusgalyk. Türkmeniň ruhy we maddy gymmatlyklary, medeni baýlyklarymyz, milli däp-dessurlarymyz hakda söz açýan her bir eserinde geçmişiň müň bir paýhasy, geljege gerekli parasady bar. Döwleti dolandyrmagyň we halkyň aladasyny etmegiň, ukyp-zehiniň bilen halka berilmegiň nusgasyna öwrülen, döwrebap we uzak geljege niýetlenen syýasy pähimleri açyp görkezýän romanlary, milli ýörelgelerimizden, medeni mirasymyzdan, halkyň ruhy genji-hazynasyndan söz açýan ajaýyp ylmy-çeper eserleri – Gahryman Arkadagymyzyň ýazan, döreden her bir kitaby durmuşymyza dahylly we örän peýdaly manylary özünde saklaýar.

Gahryman Arkadagymyzyň ynsanperwer syýasaty, döreden ajaýyp ýol-ýörelgeleri bu gün dünýä dolýar. Halkymyzyň şöhratly taryhy, juda baý milli we edebi gymmatlyklarymyz Gahryman Arkadagymyzyň kitaplarynda öz üniň çuňňur beýanyny tapýar.

**Agajuma GURDOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

## Ata Watanymyz – ösüşleriň ýurdy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Milli ykdysadyýetde hususy başlangyçlaryň goldanylmagy, bazar ykdysadyýeti şertlerinde bäsdeşligiň höweslendirilmegi, kiçi we orta telekeçiligiň ösdürilmegi diňe importyň ornuny tutmaga däl, eýsem, isleg bildirilýän harytlaryň hasabyna eksport kuwwatlyklaryny giňeltmäge hem mümkinçilik berdi. Daşary ýurtlara iberilýän önümleriň, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň möçberini artdyrmak ösüş maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň esasy wezipeleriniň biri bolmagynda galýar. Soňky ýyllarda importyň ornuny tutýan önümçilik tehnologiýalaryna, elektron senagatyň döredilmegine hem uly ähmiýet berilýär.



Bitarap döwletimiz daşary ykdysady hyzmatdaşlykda «Açyk gapylar» syýasatyny ýöredýär. Ýurdumyzda söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmek üçin zerur bolan ähli şertler bar. Ýurdumyzda ýangyç-energetika, obasenagat toplumlary, dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply önümleri öndürýän ýokary tehnologiýaly pudaklar, ulag we maglumat-aragatnaşyk düzümleri çalt ösýär. Üstünlikli özgertmeler, durnukly makroykdysady ösüşler, döwrebap düzümler, önümçilik mümkinçilikleri Diýarymyzy daşary ýurt maýa goýumlary üçin özüne çekiji ýurda öwürdi.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» geljek ýyllarda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň we hemişelik Bitaraplygymyzyň binýadyny has-da berkitmek, bazar ykdysadyýetini, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek ýaly maksatlary özünde jemleýär. Ýurdumyzyň raýatlarynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini, iş üpjünçiligini has-da ýokarlandyrmak döwletimiziň baş maksady bolup durýar.

**Bägül ŞYHYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## 30 müň ýyllyk janly ulgam tapyldy

Amerikaly alymlar, takmynan 34 müň ýyl bäri bar bolan janly ulgamlardan birini ýüze çykardylar. «Pando» diýlip atlandyrylan bu täsin ulgam ýöne bir tokaý hem däl-de, eýsem, müňlerçe ýyl bäri ýaşap gelýän umumy kök ulgamy bolan agaçlaryň toplumydyr. Birinji gezek göreniňde, adaty tokaýy ýatladýan görnüş, hakykatda, Ýuta ştatynda 430 müň inedördül metrden gowrak meýdany eýeleýän genetik taýdan meňzeş bolan 47 müň düýp derek agajydyr.

«Pando»-nyň esasy aýratynlygy bu agaçlaryň hemmesiniň genetik taýdan birmeňzeşligidir. Bu agaçlar tohumlaryň üsti bilen däl-de, wegetatiw görnüşde – umumy kök arkaly köpelýärler. Bu bolsa, agaçlara bir ulgamly ullakan toplumy emele getirmäge mümkinçilik berýär. Bu ulgamdan alnan 500 nusganyň genetik derňewi, ösümlikleriň daşky görnüşine we ýaşyna garamazdan DNK-synyň birmeňzeşdigini tassyklady.



«Pando»-nyň ýene-de bir aýratynlygy onuň gelip çykyşy howanyň has sowuk bolan iň soňky buzluk maksimumyndan gözbaş alyp gaýdýanlygydyr. Käbir barlag geçirijiler bu ulgamyň ýaşynyň 80 müň ýyla ýetip biljekdigini tassyklaýar. Bu bolsa, onuň Ýer togalagynyň iň gadymy ýaşaýyş ulgamlarynyň biridigini çaklamaga esas döredýär.

**Begli NURMUHAMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Baýkonurda muzeý döredilер

Gazagystanyň Baýkonur şäherinde adybir kosmodromdan uçurylan ähli kosmos raketalaryň takyk maketlerini özünde jemleýän muzeý gurmak meýilleşdirilýär. Şäher häkimligi açyk asmanyň astynda ýerleşjek muzeýiň Baýkonur kosmodromynyň we şäheriň esaslandyrylmagynyň 70 ýyllygy mynasybetli dörediljekdigini habar berdi.

«Şubnikow seýilgähindäki muzeýde Baýkonurdan uçurylan göteriji raketalaryň maketleri ýerleşdiriler. Şol bir wagtyň özünde maketleriň kosmos pudaklaryna niýetlenen kärhanalar tarapyndan öndüriljekdigi barada ylalaşyk gazanyldy» diýlip, şäher häkimligi tarapyndan habar berildi.



«Gazagystan tarapy bilen bilelikde kosmodromda saklanýan «Proton» we «Zenit» ýaly türgenleşik üçin niýetlenen raketalary hem muzeýde ýerleşdirmek mümkinçiligine garalýar. Ähli maketler prototipe görä, ýokary takyklyk bilen dörediler, bu bolsa, tehniki resminamalar toplumynyň işlenip düzülmegini, enjamlaryň döredilmegini, maketleri işläp taýýarlamak üçin degişli materiallary we hünärli işgärleri saýlamagy talap edýär» diýlip, Baýkonuryň şäher häkimliginde mälim edildi. Geljek ýylyň aprel aýyna çenli işleri doly tamamlamak we ähli eksponatlary, şol sanda «Vostok» kysymly göteriji raketanyň maketini Baýkonur şäherine eltmek meýilleşdirilýär.

**Bahar ANNAGELDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Dünýäniň iň uly merjeni

Alymlar Ýuwaş ummanyň günorta-günbatar böleginden dünýäniň iň uly merjenini tapdylar. Onuň ini 34 metr, diametri 32 metr, beýikligi 5,5 metr. Bu merjen «National Geographic Pristine Seas» toparynyň deňizçi alymlary tarapyndan Solomon adasynyň golaýyndan ýüze çykaryldy. Barlag geçirijileriň bellemegine görä, 1 milliard töweregi polip torundan emele gelen merjeniň ýaşy 300 ýyl bilen 500 ýyl aralygynda bolup biler.

«National Geographic»-iň barlag geçirijisi Enrik Sala bu tapyndyny möhüm ylmy açyş diýip atlandyrdy. Alymlar topary merjeniň durkunyň gowudygyny aýtdylar, ýöne global ýylylygyň ýaramaz täsirine uçramagynyň mümkindigini hem duýdurdylar.

– Uzakda ýerleşýändigine garamazdan, bu merjen global ýylylykdan we adam tarapyndan döredilýän beýleki howplardan goranyp bilmeýär – diýip, Enrik Sala aýtdy.

Ilkibaşda toparyň agzalary merjeni gark bolan gäminiň galyndylarydyr öýtdüler. Ekspedisiýa gatnaşan suwasty operator Manu San Feliks merjeni has ýakyndan synlamak üçin 12 metrden gowrak çuňluga çümüp, onuň «Pavona klawus» görnüşidigini anyklady.

Geçirilen soňky barlaglarda merjenleriň haýwanlaryň birnäçe görnüşleri üçin möhüm ýaşaýyş mekanydygy, gaçybatalgasydygy we köpelýän ýeridigi belli boldy. Solomon adalarynyň Premýer-ministri Jeremi Manele merjen gaýalaryny geljek nesiller üçin goramagyň we saklap galmagyň möhümdigini aýtdy.

**Muhammetmyrat AKMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 29-y, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115267
Belgisi: 48/1614
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# TÜRKMEN BITARAPLYGY – PARAHATÇYLYGYŇ NYŞANY

*Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli alnyp barylýan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyň netijesinde, ýurdumyz halkara gatnaşyklar ulgamynda täze sepgitlere ýetýär. Sebitiň syýasy, ykdysady we medeni giňişligine işjeň goşulýan hem-de özüniň döredijilik kuwwatyny tutuş adamzadyň bähbidine gönükdirýän ýurdumyz halkara hyzmatdaşlygy giňeltmäge we işjeňleşdirmäge mynasyp goşant goşup, hemişelik Bitaraplyk halkara hukuk ýagdaýyna esaslanýan daşary syýasaty üstünlikli durmuşa geçirýär.*

Bilşimiz ýaly, türkmen halky parahatçylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine ygrarly bolupdyr. Hemişelik Bitaraplygymyzyň düýp özenini düzýän bu ýörelgeler täze taryhy döwrümizde has-da rowaçlanyp, güneşli Diýarymyz dost-doganlygyň mekanyna, parahatçylyk dörediji merkeze öwrüldi. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda we 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda kabul eden Kararnamalary bilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy iki gezek ykrar edilen ýeke-täk döwlet hasaplanýar. Hemişelik Bitarap ýurdumyz bu gün dünýäniň abraýly guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasynyň geňeşleriniň, komitetleriniň we komissiýalarynyň birnäçesiniň agzasy bolmak bilen, olaryň çäklerinde degişli işleri amala aşyrýar. Ata Watanymyz häzirki döwrüň möhüm meseleleri we wezipeleri boýunça oňyn çözgütleri işläp taýýarlamakda anyk başlangyçlary öňe sürmek bilen, 2030-njy ýyla çenli döwür üçin BMG-niň strategiýasynyň durmuşa geçirilmegine uly goşant goşýar.

Milli Liderimiziň başlangyçlary bilen, 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy, 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde biragyzdan kabul edilen Kararnama bilen her ýylyň 12-nji dekabrynyň «Halkara Bitaraplyk güni» hökmünde yglan edilmegi, 2021-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi, «2023-nji ýyl – Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi ýaly taryhy wakalar biri-biriniň üstüni ýetirip, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde bolsa hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk



we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň kabul edilmegi parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň bähbidine üçünji müňýyllykda parahatçylyk taglymatynyň çuňlaşmagyna oňyn täsir edýär. Şeýle hem şu ýylyň 27-nji sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda döwletimiz tarapyndan öňe sürlen başlangyçlarda ýurdumyzyň gün tertibindäki dört ugry, ýagny parahatçylyk we howpsuzlyk; durnukly ösüş; howanyň üýtgemegi; ynsanperwer meseleler boýunça ugurlary goldamak barada karara gelnendigi nygtaldy.

Dünýä ýurtlary bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen, 1992-nji ýylda «Açyk gapylar» syýasatyny yglan eden ýurdumyz häzirki wagta çenli Ýer ýüzünde parahatçylygy berkitmekde alnyp barylýan işlerde mynasyp orun eýeleýär. Ata Watanymyz bu ugurda Birleşen Milletler Guramasynyň işjeň agzasy, esasy hyzmatdaşlarynyň biridir. 2020-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň başlangyjy esasynda parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary topary döredildi. Bu topar BMG-ä agza döwletlere sebit we halkara derejede hyzmatdaşlygyň dürli ugurlary boýunça oňyn pikir alyşmaga mümkinçilik döredýär. Ýeri gelende bellesek, 2022-nji ýylda Aşgabatda geçirilen bu toparyň ýokary derejedäki duşuşygynyň Jemleýji Jarnamasy 2023-nji ýylyň martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň resminamasy hökmünde çap edildi. 2022-nji ýylyň iýulynda bolsa ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 97-nji plenar mejlisinde «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnama kabul edildi. Bu Kararnama ýurdumyzyň ählumumy bähbide gönükdirilen parahatçylykly ýörelgeleriniň nobatdaky ykrarnamasyna öwrüldi.

Daşary syýasatda oňyn Bitaraplygyň ýol-ýörelgelerine eýerýän Türkmenistan döwletimiziň öňe sürýän umumadamzat bähbitli başlangyçlary dünýä jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma döredýär. Eziz Watanymyzyň halkara abraýy täze belentliklere çykýar. Munuň özi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Ýer ýüzünde parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmakdaky, özara bähbitli hyzmatdaşlygy we halklaryň arasyndaky dost-doganlygy ösdürmekdäki tagallalarynyň uly goldaw tapýandygyny äşgär edýär.

**Hydyr ABAKOW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň Medeniýet we metbugat boýunça uly gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

# ÝURDUMYZDA ELEKTRON SPORT ÖSDÜRILÝÄR

*Häzirki zaman jemgyýetini kompýuter tehnologiýasyz göz öňüne getirmek kyn. Bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, umuman ähli pudaklarda kompýuter tehnologiýalary giňden ornaşdyrylýar. Göräýmäge, sport oýunlarynda janlylygy we özara bäsdeşligi bilen tapawutlanýandygy üçin kompýuter tehnologiýasyna zerurlyk duýulmajak ýaly. Emma käbir sport görnüşlerinde türgeniň kämilleşmegi üçin kompýuter tehnologiýasynyň ähmiýeti diýseň uly. Meselem, futbolda we basketbolda ulanylýan kompýuterleşdirilen täze enjamlar bellenilen aralyga, bellenilen tizlikde topy zyňmagy ýa-da sportuň käbir görnüşlerinde türgenleşik zallarynyň köpüsiniň sport inwentary hökmünde ulanylmagy türgenleşikleriň hiline täsir edip, netijeliligi artdyrýar. Şeýlelikde, maglumatlar we internet eýýamynda kompýuter tehnologiýalarynyň peýdalanylyşynyň ýaýbaňlanmagy netijesinde, sportuň täze görnüşleriniň emele gelmegine täsir edýär.*

Kibersportuň döreýşine we taryhyna ser salsak, bu adalga «physical» we «digital» diýen iňlis sözlerinden emele gelen «hereketli sanly sport» diýen manyny berýär. Kibersport – wideo oýunlaryny ulanyp, bäsleşik işjeňligine esaslanýan ýekeleýin we toparlaýyn sport görnüşi bolsa, fijital-sport – fiziki we wirtual başarnyklaryňy birleşdirip bäsleşmekdir. Kompýuter sporty ýa-da elektron sport (e-sport) diýlip atlandyrylýan kibersportuň taryhy 1997-nji ýyldan gözbaş alýar. Kompýuter oýunlary boýunça ilkinji köpçülikleýin ýaryş geçen asyryň 70-nji ýyllarynda Stenford uniwersitetinde 25 oýunçynyň gatnaşmagynda «Spacewar» oýnuny oýnamak arkaly geçirilýär. Internet ulgamynyň kämilleşmegi bilen wideo oýunlaryň gerimi has-da giňeýär. 2000-nji ýylda «Samsung Electronics» kompaniýasynyň guramagynda sportuň elektron görnüşi boýunça ilkinji gezek Dünýä çempionaty geçirilýär.

Ýurdumyzda soňky ýyllarda tehnologik enjamlaryň giňden ornaşdyrylmagy netijesinde ähli ugurlarda uly ösüşler gazanyldy. Esasan hem, bilim ulgamydyr sportda tehnologik enjamlar arkaly täzeçil çemeleşmeler ýüze çykarylyp, okuw platformalarydyr programmalar döredildi. Ýokary okuw mekdebimiz bolan Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde hem tehnologik enjamlara esaslanýan «Kibersport» merkezi açyldy. Adyndan belli bolşy ýaly, bu merkezde wirtual giňişlikde türgenleşikler we ýaryşlar geçirilip, sportuň ýokary tehnologiýaly görnüşlerini ösdürmek ugrunda üstünlikli we netijeli işler alnyp barylýar. Talyplar sportuň täze görnüşi bolan kibersport ulgamynda kompýuter sowatlylygyny ýokarlandyryp, sport hem-de sanly ulgamdaky başarnyklaryny berkidýärler.



Häzirki wagtda sportuň elektron ugry dünýäniň birnäçe ýurtlarynda aýratyn sport görnüşi hökmünde kabul edilip, elektron sport merkezlerine uly üns berilýär. Sportuň ençeme görnüşiniň bolşy ýaly, kibersportuň hem birnäçe ugry bar. Oňa Dota 2, Rowaýatylar ligasy, Onlaýn göreş meýdançasy, Ulag ýaryşlary, Futbol oýunlary ýaly ugurlary mysal getirmek bolar. 2008-nji ýylda Koreýada Halkara kibersport federasiýasy (IeSF) döredildi. Dünýäniň dürli ýurtlaryndan milli kibersport federasiýalarynyň 128-sini özünde birleşdirýän Halkara kibersport federasiýasyna 2020-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Milli elektron sport federasiýasy (TMeSF) hem girdi. Bu şatlykly waka ýurdumyzda kibersporty ösdürmek boýunça öňde goýlan wezipeleri çözmekde ähmiýetli çäreleriň birine öwrüldi.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýokary okuw mekdebimiziň «Kibersport» merkezinde elektron sporty ösdürmek, zehinli türkmen türgenlerini taýýarlamak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Ýokary tizlikli internet, kuwwatly kompýuterler we wirtual hakykata esaslanýan enjamlar bilen üpjün edilen bu merkezde elektron sporty ösdürmek, täze hünär bolan kibertürgenleri taýýarlamak, kibersportuň dürli görnüşleri boýunça milli ýygyndy toparlary döretmek, kibersporty ösdürmek we wagyz etmek boýunça netijeli işler dowam edýär. Merkezde ýaş kibertürgenleriň türgenleşikleri yzygiderli geçirilip, olar türgenleşiklere örän uly höwes we yhlas bilen gatnaşýarlar.

Häzirki wagtda «Kibersport» merkezinde «Dota 2», «Counter Strike 2», «E-futbol», «E-basketbol» hem-de kibersportuň beýleki görnüşleri boýunça toparlar hereket edýär. Bu toparlar dürli derejeli ýaryşlara gatnaşyp, «Dota 2», «CS 2» boýunça Aziýa sebitinde öňdäki orunlary eýeleýärler. «Counter Strike» boýunça geçen ýylyň sentýabrynda uniwersitetiň talyplarynyň, soňra bolsa Türkmenistanda «Durnukly ykdysady ösüş: innowasiýalar we senagatlaşdyrmak» atly ýokary tehnologiýalar hepdeliginiň çäklerinde ýokary okuw mekdepleriň arasynda geçirilen «Global Offensive» we «Dota 2» bäsleşiginde Merkeziň türgenleri ýokary netijeleri görkezdiler. Şu ýylyň fewral-mart aýynda Russiýanyň Kazan şäherinde geçirilen «Geljegiň oýunlary» fijital-sport ýaryşlarynda ýokary okuw mekdebimiziň «Kibersport» merkeziniň ýaş türgenleri üstünlikli çykyş edip, elektron sport oýunlarynda baý tejribe topladylar.

Ýurdumyzda elektron sportuň ösmegi, sanly ulgamlardan kämil baş çykarýan ussat hünärmenleriň ýetişmegi üçin giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsunlarymyzy aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun.

**Hudaýberdi ÖWLÝAKULOW,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň matematika mugallymy.*

# SAGLYK – BAŞ BAÝLYK

*Halkymyzyň iň gymmatly baýlygy bolan saglygy barada hemmetaraplaýyn alada etmek Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň aýratyn üns berýän ugurlarynyň biridir. Ynsan saglygy babatdaky şeýle giň möçberli aladalaryň halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli gowulandyrmakdaky ägirt uly maksat-tutumlar bilen sazlaşykly alnyp barylmagy aýratyn bellärliklidir.*

Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygarlary ýurdumyzyň baş ýörelgesi, belent tutumlary barada giň düşünje berýär. Bu şygarlar berkarar döwletiň, azat we erkin ýaşaýşyň ajaýyp senasy bolup ýaňlanýar. Häzir Türkmenistan döwletimiz abadan, asuda, gülläp ösýän, dünýäde öz mynasyp ornuny tapan, belent abraýa eýe bolan ýurda öwrüldi. Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan uly ösüşlere eýe bolýandygyna biziň her birimiz buýsanýarys.

«Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň çäklerinde saglygy goraýyş ulgamynda bitirilýän işler hem sanardan kän. Keselleriň öňüni almagyň, bejermegiň öňdebaryjy usullary lukmançylyga ornaşdyrylýar. Bu möhüm maksatnamany üstünlikli durmuşa geçirmek, keselleriň öňüni alyş we bejeriş çärelerini talabalaýyk ýola goýmak, ýokary hilli saglygy goraýyş hyzmatlarynyň elýeterliligini üpjün etmek, derman senagatyny ösdürmek boýunça işler barha ilerleýär. Şu ýylyň oktýabr aýynda Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda paýtagtymyzda 400 orunlyk Halkara sagaldyş-dikeldiş merkeziniň, 250 orunlyk Halkara fiziologiýa ylmy-kliniki merkeziniň döwrebap binalarynyň, Mary şäherinde welaýat hem-de şäher Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edara binasynyň açylyp ulanmaga berilmegi ynsan saglygy babatda edilýän aladalaryň aýdyň güwäsidir.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda bitýän melhemlik häsiýetli ösümliklerden dürli derman serişdelerini öndürýän täze kärhanalar işe girizilýär. Muňa Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni mynasybetli Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde işe girizilen, ýylda 4,5 tonna buýan köküni gaýtadan işläp, glisirrizin turşusyny öndürýän kärhana mysal bolup biler.

Ýakynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanda fiziologiýa ylmyny ösdürmegiň 2024 – 2028-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasyny; Türkmenistanda lukmançylyk sagaldyş-dikeldiş çäreleriniň 2024 – 2028-nji ýyllar üçin Milli strategiýasyny; Türkmenistanyň immuno-öňüni alyş boýunça 2024 – 2028-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasyny tassyklamak hakynda; Ilatyň derman serişdeleri we lukmançylyk maksatlaryna niýetlenen önümler bilen üpjün edilmegini kämilleşdirmek hakynda Kararlara gol çekdi. Ýurdumyzda adam döwletiň baýlygy hasaplanýar, onuň saglygy bolsa döwlet üçin möhüm we wajypdyr. Garaşsyzlyk ýyllarynda «Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda», «Ganyň donorlygy hakynda», «Şypahana işi hakynda», «Adam bedeniniň agzalarynyň we dokumalarynyň transplatasiýasy hakynda», «Ýokanç keselleriň öňüni almak hakynda», «Ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olara garşy göreşmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary hem kabul edildi.



Diýarymyzda saglygy goraýyş ulgamynyň ähli ugurlary bilen birlikde şypahana ulgamynda hem oňyn özgertmeler amala aşyrylýar. Şeýle özgertmeleriň netijesinde şypahanalaryň durky täzelenýär, olar dünýä ülňülerine laýyk getirilýär we ýokary derejede täzeçil lukmançylyk enjamlary bilen enjamlaşdyrylýar. Arkadag şäherinde saglygy goraýyş ulgamynyň desgalary iň ýokary halkara ülňülere laýyk gelýär. Ýagny özünde birnäçe desgalary birleşdirýän Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi täze şäheriň durmuş düzüminiň möhüm bölegi bolup durýar. Şolaryň hatarynda 350 orunlyk Köpugurly hassahana, 150 orunlyk Onkologiýa merkezi, 150 orunlyk Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezi, Tiz kömek merkezi, Saglyk öýi bar. Sebitde deňi-taýy bolmadyk Arkadag şäherinde saglygy goraýyş ulgamynda alnyp barylýan işler möhüm ähmiýete eýe bolup, bu ugurda ýokary hilli hyzmatlaryň ýola goýulmagy, lukmanlaryň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmagy üçin amaly-tejribe saparlarynyň guralmagy Türkmenistanyň lukmançylyk diplomatiýasynyň ösdürilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Halkymyzyň saglygy, bagtyýar ýaşaýşy üçin uly aladalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Bazar HALMEDOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Patalogiki anatomiýa kafedrasynyň müdiri, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

# ÝAŞLAR SYÝASATY DABARALANÝAR

*Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ägirt uly sepgitleri eýeleýär, belent derejelere ýetýär. Döwlet Baştutanymyzyň halkymyzy ruhy taýdan galkyndyryp, döwrümiziň ýaş nesillerini beýik ösüşlere ruhlandyrýan taýsyz aladalary netijesinde ýaşlar baradaky syýasat üstünlikli durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiz: «Häzirki döwürde ýurdumyzyň ilatynyň esasy bölegi Garaşsyzlyk ýyllarynda kemala gelen ýaş nesillerdir. Bu nesil eziz Watanymyzyň geljegini gurujylardyr» diýip, ýaşlara uly ynam bildirýär we olaryň döwrebap ylym-bilim almagyna, hünär eýesi bolmagyna, işlemegine ähli mümkinçilikleri döredýär. Hormatly Prezidentimiziň sargytlaryny ýüregine siňdirip, ýaşlara diňe okamak, öwrenmek, döretmek, halk üçin, Watan üçin işlemek galýar.*

1991-nji ýylyň 16-njy noýabrynda döredilen Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy ýaşlaryň mümkinçiliklerini ösdürmek hem durmuşa geçirmek, olara bilim we jemgyýetçilik-zähmet işjeňligi üçin giň mümkinçilikleri döretmek bilen, dürli ugurlarda işjeň iş alyp barýar. «2021 – 2025-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň ýaşlar syýasaty baradaky döwlet maksatnamasynyň» çäginde ýaş nesliň üstünliklerini görkezýän bäsleşikler we çäreler geçirilýär. Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň talyp ýaşlaryň möhüm wakalaryny açyp görkezýän web saýty bar. Milli ýaryşlar yzygiderli guralýar. Mysal üçin, bu gurama 2015-nji ýyldan bäri ýurdumyzyň Ylymlar akademiýasy bilen bilelikde ýaş alymlar üçin ylmy bäsleşik geçirýär, şeýle hem akademiýada Ýaş alymlar merkezi işleýär.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ýaşlar syýasaty hem hut ýaş türkmenistanlylaryň şahsyýet taýdan kemala gelmegine, ösmegine, ukyp-başarnyklarynyň ýokarlanmagyna, jemgyýetiň hem-de döwletiň bähbitlerine, ýaşlaryň aň-paýhas, döredi-



jilik, ruhy mümkinçiliklerini doly amala aşyryp bilmekleri üçin mümkinçilikleri giňeltmäge has oňaýly şertleri döretmäge gönükdirilendir. «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi möhüm ädimleriň biridir. Bu kadalaşdyryjy hukuk nama Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň hukuk esaslaryny, maksatlaryny, wezipelerini, ýörelgelerini, esasy ugurlaryny, tärlerini kesgitleýär. Kanun ýaşlaryň hukuk we durmuş taýdan goraglylygyny, ýaşlaryň döwlet syýasatyny we jemgyýetiň ösüş maksatnamalaryny döretmäge we amala aşyrmaga gatnaşmagyny üpjün edýär.

Ýaşlar baýragy jemgyýetçilik işine işjeň gatnaşýan ýaşlary höweslendirmek maksady bilen Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy tarapyndan berilýär. 2024-nji ýylda hem ýokary okuw mekdepleriniň ýaş mugallymlarynyň, talyp ýaşlaryň we mekdep okuwçylarynyň, döredijilik toparlarynyň agzalarynyň, žurnalistleriň, dürli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýaş hünärmenleriniň 135-si Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýeleri boldular. Olara şahadatnamalar, gymmat bahaly sowgatlar dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. Ýurdumyzy ösen we kuwwatly döwlete öwürmäge gönükdirilen giň möçberli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Milli bilim ulgamynda gazanylýan üstünlikleriň, ýetilýän belent sepgitleriň guwandyryjy netijeleri halkymyzy täze ýeňişlere ruhlandyrýar. Ýurdumyzda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasynyň tassyklanylmagy ýaş neslimiziň dünýä ölçeglerine laýyk bilim almaklaryna, Watanymyzyň ykdysady, syýasy, medeni durmuşyna mynasyp goşant goşmaklaryna, dünýäniň ylym-bilim babatynda gazananlaryndan habarly we kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine mümkinçilikleri döredýär. Onuň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýaşlaryň häzirki zaman maglumat tehnologiýalaryny gündelik işinde işjeň hem-de netijeli ulanmagy başarmaklaryny üpjün edýär. Elbetde, ösüp gelýän ýaş neslimiz bilen Watanymyzyň bagtly geljegi berk baglanyşyklydyr. Okatmagyň täze usullarynyň bilim ojaklarynda ornaşdyrylmagy, öňdebaryjy halkara tejribäniň öwrenilmegi okuw sapaklarynyň täsirliligini, netijeliligini artdyrmaga giň mümkinçilikleri döredýär.

**Meýlis ARTYKGURBANOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy, Ýaşlar baýragynyň eýesi.*

# MAGTYMGULY – DÜNÝÄ EDEBIÝATYNDA AJAÝYP BIR DÜNÝÄ

*Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen Gündogaryň beýik akyldary we söz ussady Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli edebi mirasyny hemmetaraplaýyn öwrenmekde alnyp barylýan işler dünýä ylmynyň ösüşine itergi berýär. Bu ugurda amal edilýän işler Magtymgulyny öwreniş ylmynyň öňünde has-da uly wezipeleri goýýar. Bu işler beýik Pyragynyň edebi däplerine eýerenleriň döredijiligini öwrenmegiň möhümdigini hem kesgitleýär.*

Magtymgulynyň döredijiligi tükeniksiz şypa berýän, dünýä manysyny saçýan parasat çeşmesidir. Ol ölmez-ýitmez pikirleriň we asylly, adamkärçilikli duýgularyň genji-hazynasydyr. Magtymguly ençeme nesilleriň ýüreklerine ornaşdy. Ýüzýyllyklar geçenden soň hem akyldar şahyryň her bir sözi, oý-pikiri, setirleri onuň içki oý-pikirlerini, ýüreginiň urgusyny, duýgusyny, onuň ýürek tolgunmasyny biziň günlerimize çenli alyp gelýär. Magtymguly – dünýä edebiýatynda ajaýyp bir dünýä.

Dünýäniň belli şahsyýetleriniň beýik türkmen şahyryna hormat-sarpasy çäksizdir. Şeýle belent şahsyýetler Pyragynyň ömri-döredijiligine ýokary baha berýärler. Ine, şonuň üçin hem 2024-nji ýylyň şygarynyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýlip atlandyrylmagynyň aňyrsynda çuňňur many-mazmun ýatyr. Bu ýylda bellenilýän akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk ýubileýi diňe bir türkmen halky üçin däl, eýsem, bütin adamzat üçin baýramdyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz: «Magtymguly Pyragy ylmyň, edebiýatyň, dünýä medeniýetiniň özünden öňki gazananlaryny akyl eleginden geçirip, dürdäne eserleri döretdi. Beýik şahyr türkmen şygryýetiniň we türkmen diliniň taryhynda uly özgerişlikleriň başyny başlady. Onuň umumadamzat medeni-ruhy hazynasyna giren şygyrlary bu gün dünýä dilleriniň köpüsinde ýaňlanýar» diýip, parasatlylyk bilen belläp geçýär.

Hakykatdan-da, öz ýaşan döwrüni ajaýyp şygyrlarynyň üsti bilen beýan eden Magtymguly Pyragy diňe bir öz döwrüniň şahyry bolman, eýsem, ähli döwürleriň şahyrydyr. Magtymguly Pyragynyň terbiýeçilik, ahlak, adamkärçilik, ynsanperwerlik, watansöýüjilik baradaky şygyrlary häzirki ajaýyp, bagtyýar döwrümizde hem uly ähmiýete eýedir. Akyldar şahyrymyzyň watançylyk baradaky goşgulary ýaş nesli watançylyk ruhunda terbiýelemekde gymmatly çeşmedir.



Şahyryň watançylyk temasyndaky goşgulary ata Watanymyzy söýmegi, ony gözümiziň göreji deýin goramagy ündeýär, Watany söýmäge, dost-doganlyga çagyrýar. Magtymguly bir supranyň başynda jem bolnanda türkmeniň ykbalynyň göteriljekdigini aýdyp, bir döwlet bolmagy arzuw eden akyldar şahyrdyr. Şahyryň watançylyk temasynda ýazan beýleki goşgulary hem diýseň gymmatly hazyna.

Magtymguly Pyragynyň il agzybirligi, ýurt berkararlygy barada eden ýürek arzuwlary, köňül islegleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe aýdyň hakykata öwrüldi. Ynsanlary ahlaklylyga, sagdynlyga, ynsanperwerlige, Watany söýmäge, mertlige çagyrmak şahyryň şygryýet dünýäsiniň esasyny düzýär. Magtymguly Pyragynyň pelsepewi, durmuşy goşgulary bu gün halkyň ýüreginde täze joşgun bilen güýçlenýär, ýokary ahlak duýgularyny oýarýar. Hut şonuň üçin akyldar şahyrymyzyň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna goşulan döredijiligine bolan sylag-sarpa hem, gyzyklanma hem barha artýar.

Akyldar şahyrymyzyň köpgyraňly döredijiligi, terbiýeçilik ähmiýetli dürdäne setirleri türkmen halky üçin mukaddeslikleriň naýbaşysydyr. Hut şonuň üçin çeper söze teşne halkymyz sapaly döwrümizi beýik ösüşlere beslemekde, ömür ýoluny many-mazmun bilen baýlaşdyrmakda, islendik meselede dogry çözgüdi tapmakda şahyryň akyl-paýhasyny ruhy ýörelge edinýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen Magtymguly Pyragynyň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren baý hem-de gymmatly edebi mirasyny düýpli öwrenmek we dünýä ýaýmak boýunça giň gerimli işlere badalga berilmegi dana şahyryň şygryýet älemine täze ýaşaýşy bagyşlady.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mümkinçilikler döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza öz hoşallygymyzy bildirýäris. Milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, döwletli işleri mundan beýläk hem rowaçlyklara beslensin!

**Kümüş ALLABAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# EZIZ DIÝARYMYZ – MELHEMLER MEKANY

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda giňden ýaýbaňlandyrylan düýpli özgertmeleriň hemmesi adamlaryň saglygy baradaky aladanyň ähli zatdan ileri tutulýandygyny bütin dünýä ýaýýar. Bu ynsanperwerligi halkymyz eziz Diýarymyzda amala aşyrylýan her bir tutumly işlerde aýdyň görýär. Gahryman Arkadagymyzyň jöwher zehininden dörän «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik eseriniň täze, XVI jildiniň ýakynda giň okyjylar köpçüligine gowuşmagy munuň ýene-de bir subutnamasy boldy.*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe lukmanlar Gahryman Arkadagymyzyň bu uly göwrümli ylmy işini okamaga, onda beýan edilýän ylmy garaýyşlary çuňňur öwrenmäge, ondaky gymmatly teklipleri ynsan saglygyny berkitmek işinde peýdalanmakda giň mümkinçilikleri tapýarlar. Çuňňur ylmy derňewlere daýanýan eser ýurdumyzda barha kämilleşýän, dünýä ülňüleriniň derejesinde uly ösüşe eýe bolýan lukmançylyk işinde, şeýle-de ýurdumyzyň ösümlik dünýäsini ylmy esasda öwrenmek babatynda islendik okyjy üçin ygtybarly gollanma bolup hyzmat edýär. Bu ylmy eser ata Watanymyzda ylmy ösdürmekde, ýaşlarymyza mukaddes topragymyzda bitýän ösümlikler, ilkinji nobatda, dermanlyk ösümlikler barada ylmy maglumatlara esaslanýan bilimi bermekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatly maslahatçy bolup durýar. Bu gymmatly ylmy işiň saglygy goraýyşda giňden peýdalanylmagy, olardaky ýurdumyzda ösýän dermanlyk ösümlikleriň peýdasynyň saglyk üçin örän ähmiýetlidigi baradaky ylmy garaýyşlaryň dünýä ýurtlarynda uly gyzyklanma döretmegi eziz Diýarymyzyň tebigatynda bitýän ösümlikleriň dermanlyk



häsiýetleriniň bütin dünýäde ykrar edilmegidir.

Gahryman Arkadagymyzyň köp jiltli ylmy-ensiklopedik eseriniň sahypalarynda dermanlyk ösümlikleriň bejeriş aýratynlyklary, olary ylmy we halk lukmançylygynda peýdalanmagyň usullary barada giňişleýin gürrüň berilýär. Bu ylmy eseriň ylmy taýdan aýratyn wajypdygy farmasewtika ylmynyň ösdürilmegine, arassa çig mal esasynda ýokary hilli derman serişdeleriniň döredilmegine, lukmançylyk tejribesine gadymy ýörelgeleriň hem-de häzirki zaman innowasiýalaryň utgaşdyrylmagy, hususan-da fitoterapiýa we şypahana-dynç alyş bejergisinde oňyn täsir edýän derman serişdeleriniň döredilmegine ýardam edýändigidir.

Sahawatly türkmen topragynyň dermanlyk häsiýetleri özünde jemleýän, dürli keselleri bejermekde peýdalanylýan ösümliklere baýdygy asyrlarboýy mälimdir. Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynyň üsti bilen ýurdumyzyň dermanlyk tebigy gorunyň bejerijilik häsiýetlerini, halk lukmançylygynda we ylmy taýdan peýdalanylyşyny, dermanlyk ösümlikler arkaly näsaglary bejermegiň aýratynlyklaryny açyp görkezýär. Dermanlyk otlaryň ýüzlerçe görnüşiniň, ösümlikleriň kökleriniň, miweleriniň häsiýetleri giňişleýin beýan edilýän bu düýpli ylmy iş okyjylary türkmen halkynyň lukmançylyk ylmyna uly goşant goşmakdaky köpasyrlyk tejribesi we däpleri bilen hem tanyşdyrýar. Dermanlyk ösümlikleriň atlaryndan ybarat sözlügi, dermanlyk içgileri taýýarlamagyň, olary ýygnamagyň usullary baradaky maglumatlary özünde jemleýändigi bolsa bu eseriň ylmy taýdan örän ähmiýetli bolmagyny üpjün edýär. Gahryman Arkadagymyzyň türkmen, rus, iňlis dillerinde neşir edilen «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitaby häzirki wagtda dünýäniň saglygy goraýyş ulgamynda uly seslenme döredýär. Kitapda türkmen tebigatynyň ösümlikler dünýäsiniň ynsanlara şypa beriji dermanlyk häsiýeti ylmy taýdan esaslandyrylýar hem-de bejerijilik ähmiýeti giňden açylyp görkezilýär. Ýurdumyzyň şypahanalarynda kitapda agzalýan dermanlyk ösümliklerden melhem çaýlar taýýarlanyp, saglygyny berkitmäge gelýänlere hödürlenilýär. Ýurdumyzyň ähli şypahanalary geçen sanlyja ýyllaryň içinde döwrebaplaşdyryldy, täze binalar guruldy. Eşretli durmuşda ýaşamaga, halal zähmet çekmäge, ýokary hilli dynç almaga, saglygyňy berkitmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys.

**Amanmyrat GOÇMYRADOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Patalogiki anatomiýa kafedrasynyň assistenti.*

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Alymlaryň täze maksatnamasy.** Halkara alymlar topary Pluton ulgamyny we Koýper guşagyny öwrenmäge gönükdirilen «Persephone» missiýasynyň taslamasyny hödürlediler. 2031-nji ýylda uçurylmagy meýilleşdirilýän enjam Plutonyň we Haronyň üstki hem-de içki gurluşyny öwrener. 31 ýyl dowam etjek missiýanyň bahasy 3 milliard dollara deň.



**Iň uly dinozawryň skeleti satyldy.** Parižiň «Collin du Bocage» auksion öýünde ýaşy 150 million ýyla deň bolan dinozawryň skeleti 6 million ýewro satyldy. Ol dünýädäki auksionlarda häzire çenli satylan iň uly dinozawr hasaplanýar. Uzynlygy 22 metr bolan dinozawryň skeleti 2018-nji ýylda ABŞ-da tapyldy.



**Üýtgeşik tumar tapyldy.** Häzirki Türkiýäniň çäklerindäki gadymy Adrianopolis şäherinde geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde V asyra degişli tumar tapyldy. Tumaryň ýüzünde Süleýman pygamberiň şeýtany naýzalaýan pursady şekillendirilýär. Tumaryň Wizantiýanyň irki döwürlerinde ýasalandygy çaklanylýar.



**Rekord agramdaky guýma altyn.** Dubaýda agramy 300 kilograma barabar bolan guýma altyn taýýarlandy. «Emirates Minting Factory» tarapyndan taýýarlanan guýma altyn, Dubaýda gazylyp alynýan magdanlara bagyşlanan «Dubai Metals Conference 2024» maslahatynyň ýapylyş dabarasynda görkezildi.



**Gymmat bahaly hytaý keramikasy.** Britan muzeýi bahasy 1 milliard funt sterlinge deň bolan hytaý keramikasyny alar. Bu Beýik Britaniýanyň muzeýleriniň taryhynda iň uly sowgatdyr. Kolleksiýanyň eýesi Persiwal Deýwidiň gaznasy 1 müň 700 sany eksponaty muzeýe sowgat eder. Kolleksiýa 1964-nji ýyldan bäri ýygnalypdyr.



**2,5 million dollara satylan şaýylyk.** Seýrek duş gelýän, hümmeti üç pens bolan şaýylyk «Stack's Bowers Galleries» auksionynda 2,5 million dollara satyldy. 1652-nji ýylda Bostonda zikgelenen «Täze Angliýanyň» ýa-da «Massaçusetsiň» kümüş üç şaýylygy seýrek şaýy pullaryň biri hasaplanýar. Şaýylygyň ahyrky bahasy başdaky bahasyndan üç esse gymmat boldy.



**Iň çylşyrymly sagat.** 12-nji dekabrda Britaniýanyň ylmy muzeýinde açyljak sergide XVIII-XIX asyryň çäklerinde Fransiýanyň Şa zenany Mariýa Antuanetta üçin döredilen sagat ilkinji gezek köpçülige görkeziler. 44 ýylda ýasalan gymmat bahaly sagat 823 sany bölek şaýdan ybarat bolup, onda billur dilleriniň aňyrsyndaky mehanizmlerini görüp bolýar.



**Takyk suratlaryny iberdi.** Ýewropanyň kosmos agentligi (ESA) «Solar Orbiter» enjamynyň kömegi bilen alnan Günüň ýüzüniň täze suratlaryny çap etdi. Bular häzire çenli Günüň üstüniň iň takyk suratlarydyr. Hemra Güni, takmynan, 74 million kilometr uzaklykdan surata düşürdi, bu onuň Ýer bilen aralygyna garanda, iki esse ýakyndyr.



**Awtoulag bazary ösýär.** 2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň jemi boýunça bütin dünýäde ýeňil we täjirçilik maksatly awtoulaglaryň satuwy 7 932 657-ä ýetdi, bu bolsa bir ýyl ozalkydan 5,7 göterim köpdür. 10 aýda dünýä bazarynyň möçberi 71 736 401 boldy. Bu barada «GlobalData» kompaniýasy habar berdi.



**Ussa hazyna tapdy.** Awstriýada santehnik ussa gurluşyk işleri wagtynda ýerzeminden agramy 30 kilograma deň bolan altyn şaýylyklardan doly sandygy tapdy. Onuň bahasy 2 million funt sterlinge barabar. Ýurduň kanunlaryna görä, altyn şaýylyklar ony tapan bilen binanyň eýesiniň arasynda bölündi. Netijede ussa 1 million funt sterlinge eýe boldy.



## Prezident saýlawlaryna dalaşgär boldy

Warşawanyň häkimi Rafal Tşaskowskiý içerki partiýa saýlawlarynda ýeňiş gazandy. Şeýlelikde ol «Raýat platformasy» partiýasynyň ýolbaşçylygyndaky dolandyryjy bileleşikden Polşanyň prezidentligine dalaşgär boldy. Tşaskowskiý sesleriň 74,75 göterimini, bäsdeşi daşary işler ministri Radoslaw Sikorskiý bolsa 25,25 göterim ses aldy. Içerki partiýa saýlawlary 22-nji noýabrda geçirilip, netijeleri 23-nji noýabrda mälim edildi. Tşaskowskiý 2017-nji ýylyň ahyrynda «Raýat platformasy» we «Häzirki zaman» partiýalary tarapyndan 2018-nji ýyldaky ýerli saýlawlarda Warşawanyň häkimligine dalaşgär hökmünde hödürlendi. Şonda ol ýeňiş gazandy we 2024-nji ýylda Polşanyň paýtagtynyň häkimi wezipesi üçin geçirilen saýlawlarda bäsdeşlerinden öňe saýlanyp, ikinji gezek ýeňiş gazandy. Bu Tşaskowskiý üçin Polşanyň Prezident saýlawlaryna gatnaşmak üçin ikinji synanyşygydyr. Ol ilkinji gezek 2020-nji ýylda, saýlawlaryň ikinji tapgyrynda ýurduň häzirki Prezidenti Anjeý Dudadan asgyn geldi.

22 müňden gowrak adamyň gatnaşmagynda geçirilen deslapky bäsleşikde, Tşaskowskiniň bäsdeşi daşary işler ministri Radoslaw Sikorskiý boldy. Sikorskiý 1992-nji ýylda Polşanyň goranmak ministriniň orunbasary bolanyndan bäri syýasatda işleýär. Soňra goranmak ministri we Polşanyň birnäçe hökümetinde daşary işler ministrliginiň başlygy bolup işledi. Şeýle hem Polşa Senatynyň agzasy boldy. Sikorskiý üçin häzirki içerki partiýa saýlawlary ilkinji gezek däl – çünki ol 2010-njy ýylda «Raýat platformasy» tarapyndan prezidentlige dalaşgär bolupdy, ýöne soňra Seýmiň başlygy Bronislaw Komorowskiden ýeňildi. Sikorskiý bäsdeşi Tşaskowskiden tapawutlylykda, konserwatiw garaýyşlary bilen tapawutlanýar. 7-nji dekabrda «Raýat platformasynyň» dalaşgäri özüniň jikme-jik saýlaw platformasyny hödürlär diýlip garaşylýar.



Polşada geçiriljek Prezident saýlawlary 2025-nji ýylyň maý aýynda meýilleşdirilýär. Häzirki Prezident Anjeý Duda üçünji möhlete dalaş edip bilmeýär.

## Rumyniýa Prezidentini saýlaýar

24-nji noýabrda Rumyniýada geçirilen Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyrynda 22,94 göterim ses bilen garaşsyz dalaşgär Kelin Jorjesku ýeňiş gazandy. Ikinji orunda 19,18 göterim ses bilen «Rumyniýany halas ediş bileleşigi» liberal partiýasynyň başlygy Ýelena Laskoni gelýär. Sosial-demokratik partiýanyň başlygy Premýer-ministr Marsel Çolaku 19,15 göterim ses alyp üçünji orny eýeledi. Aşa sagçy dalaşgär «Rumynlaryň agzybirligi üçin bileleşigiň» başlygy Jorj Simion 14,18 göterim ses bilen dördünji orunda gelýär. Saýlawlara gatnaşyk 52,40 göterime deň boldy.

62 ýaşly Kelin Jorjeskunyň bilimi boýunça agronomdygy habar berilýär. Ol 2000-nji ýyllaryň ortalarynda ýurduň Daşary işler ministrliginiň bölümleriniň birine ýolbaşçylyk etdi, soňra BMG-de daşky gurşawy goramak boýunça dürli wezipelerde işledi. Durnukly ösüş boýunça bilermen hökmünde tanalýan Jorjesku birnäçe gezek Premýer-ministr wezipesine dalaşgär görkezildi.

Prezidentlige dalaşgärleriň hiç biriniň saýlawlaryň birinji tapgyrynda sesleriň 50 göterimden gowragyny almandygy sebäpli, saýlawlaryň ikinji tapgyry 8-nji dekabrda geçiriler. Ýurtda ses bermäge hukugy bolan 18 milliondan gowrak saýlawçy bar. Döwletiň iň ýokary wezipesine dürli partiýalardan 14 dalaşgär gatnaşdy. Ýurtda Prezident saýlawlary her 4 ýyldan geçirilýär. Kanun çykaryjy häkimiýet iki palatadan ybarat bolup, Senatdan (176 orun) we Wekiller palatasyndan (412 orun) ybaratdyr.



Günorta-Günbatar Ýewropada ýerleşýän Rumyniýanyň 19 milliondan gowrak ilaty bolup, ilat sany boýunça Ýewropada dokuzynjy orny eýeleýär. Paýtagty Buharest. Ýurduň 42 sany dolandyryşçäk birligi bolup, günorta-gündogaryny Gara deňzi ýuwýar. Ukraina, Moldawiýa, Wengriýa, Serbiýa we Bolgariýa bilen araçäkleşýär. Ýurt öz garaşsyzlygyny 1877-nji ýylyň 21-nji maýynda jar edýär.

## Ýewropa Komissiýasynyň täze düzümi

Ýewropa parlamenti tarapyndan Ýewropa Komissiýasynyň täze düzümi doly makullandy. Bu barada «Politico» neşiri Ýewropa Parlamentindäki çeşmelerine salgylanyp habar berýär.

Şeýlelik bilen, Ýewropa Komissiýasynyň 26 täze komissarynyň hemmesi geljek bäş ýyllyk möhlet üçin tassyklandy. Bu bolsa, Ýewropa Komissiýasynyň täze düzüminiň 1-nji dekabrda işe başlajakdygyny aňladýar. Neşirde Ýewropa Bileleşiginiň başlygy Ursula fon der Lýaýeniň ýolbaşçylygyndaky Ýewropa halk partiýasynyň komissarlarynyň 26 orundan 14-sine eýe bolandygy habar berilýär.

1999-njy ýyldan bäri ilkinji gezek ýurduň Ýewropa Komissiýasyna hödürlenen dalaşgärleriň hiç biri-de ret edilmedi. Sentýabr aýynda Ursula fon der Lýaýen Estoniýanyň öňki Premýer-ministri Kaýa Kallasy Ýewropa Bileleşiginiň daşary syýasat we howpsuzlyk boýunça ýokary wekili wezipesine dalaşgärligini tassyklady. Häzirki başlyk Žozep Borreliň 1-nji dekabrda möhleti gutarandan soň bu wezipäni Kaýa Kallas eýelär. «Politico» neşiri Ursula fon der Lýaýeniň Ýewropa Bileleşiginiň işlerine doly gözegçilik etmek niýetiniň bardygy barada ýazdy.



2024-nji ýylyň iýun aýynda Ursula fon der Lýaýen Ýewropa Komissiýasynyň başlygy wezipesine gaýtadan bellendi. Bu karar Strasburgdaky umumy mejlisde Ýewropa Parlamenti tarapyndan kabul edildi.

## Ýamandu Orsi ýeňiş gazandy

24-nji noýabrda Urugwaýda geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda «Giň front» bileleşiginiň dalaşgäri Ýamandu Orsi ýeňiş gazandy. Bu barada ýurduň Merkezi saýlaw topary habar berdi. Orsi üçin 942 müň 470 (49 göterim) saýlawçy ses berdi. Onuň bäsdeşi, dolandyryjy merkezi sagçy «Blanko» partiýasynyň dalaşgäri Alwaro Delgado bolsa, 898 müň 767 (46 göterim) adam tarapyndan goldanyldy. Delgado saýlawda ýeňilendigini boýun aldy we bäsdeşini gutlady. Urugwaýyň häzirki Prezidenti Luis Lakalýe Pou hem Orsini ýeňşi bilen gutlady. Saýlawlara gatnaşyk 90 göterime deň boldy.

2015-nji ýyldan 2024-nji ýyla çenli Kanelones departamentiniň häkimi bolup işlän Ýamandu Orsi jenaýatçylyga garşy göreşi özüniň ileri tutýan ugurlarynyň biri hasaplaýar. Syýasatçy täze iş orunlaryny döretmegi we pes girdejili işçiler üçin aýlyk haklaryny ýokarlandyrmagy wada berýär. Ol daşary syýasatda, sebit guramalarynyň çäklerinde integrasiýa proseslerini çaltlandyrmagyň zerurdygyny ileri tutýar. Urugwaýyň saýlanan Prezidentiniň kasam kabul ediş dabarasy 2025-nji ýylyň 1-nji martynda bolar.

Ozal habar berlişi ýaly, 27-nji oktýabrda Urugwaýda Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyry geçirilip, ýeňiji belli bolmandy. Saýlawlarda iň köp ses alan Orsi boldy, Delgado ikinji orny eýeledi, «Kolorado» partiýasyndan dalaşgär Andres Ojeda üçünji orny eýeledi.

Urugwaýyň döwlet ýolbaşçysy bäş ýyl möhlet bilen




saýlanýar. Dalaşgäriň saýlawlaryň birinji tapgyrynda ýeňiş gazanmagy üçin saýlawçylaryň has köp sesine eýe bolmagy hökmany hasaplanýar.

Urugwaý – Günorta Amerikanyň günorta-gündogar böleginde ýerleşýän ýurt bolup, demirgazykda Braziliýa, günbatarda hem Argentina bilen araçäkleşip, günorta-gündogar kenarlaryny Atlantik ummany ýuwýar. Ýurduň ilaty 3 million 471 müňden gowrak adama deň.

## Litwanyň täze Premýer-ministri

Litwanyň parlamenti ýurduň Sosial-demokratik partiýasynyň başlygynyň orunbasary Gintautas Paluskasy Hökümet başlygy wezipesine tassyklady. Prezident Gitanas Nauseda onuň bu wezipä bellenilýändigi barada karara gol çekdi. Gintautas Paluskas 2020-nji ýyldan bäri hökümete ýolbaşçylyk eden Ingrida Şimoniteniň ýerine geçdi.

Paluskas ýurduň Prezidenti tarapyndan 19-njy hökümetiň başlygy wezipesine hödürlendi. Gintautas Paluskasyň dalaşgärligini 88 deputat goldady, parlamentiň 36 agzasy garşy çykdy, 6 adam saklandy.

21-nji noýabrda ol Prezident Gitanas Nausėda bilen Ministrler Kabinetini döretmek meselesini ara alyp maslahatlaşdy. Resmi wezipä girişenden soň, Hökümet başlygynyň ministr orunlaryny paýlamak we hökümet maksatnamalaryny parlamente hödürlemek üçin iki hepdeden gowrak wagty bolar.

Şu ýylyň oktýabr aýynda geçirilen parlament saýlawlarynda Sosial-demokratik partiýasy ýeňiş gazanyp, 141-den 52 orna eýe boldy, ýöne partiýanyň başlygy Wiliýa Blinkýawiçýute Premýer-ministrlige dalaşgärligini hödürlemekden ýüz öwürdi. Şeýlelikde, Gintautas Paluskas partiýadan bu



wezipä dalaşgär boldy. Ol Sosial-demokratik partiýa bilen koalisiýa giren «Litwanyň hatyrasyna demokratlar» we «Nemanyň daňy» partiýalary tarapyndan goldanyldy.

## Gurluşygyna badalga berler

Indoneziýanyň häkimiýeti 2027-nji ýylda Bali adasynda täze howa menziliniň gurluşygyna başlamagy meýilleşdirýär. Bu barada «The Jakarta Post» gazeti habar berýär.

Balidäki häzirki Ngurah Raýa adyndaky howa menziliniň ýolagçy gatnawy boýunça Indoneziýada ikinji orunda durýandygy bellenilýär. Onuň hyzmat ediş mümkinçiligi 2029-2030-njy ýyla çenli soňky çägine ýeter. Howa menziliniň ýolagçy gatnawynyň 32 million adama ýetmegine garaşylýar.

«Bu, 2027-nji ýylda täze howa menziliniň gurluşygyna başlamak meýilnamasyny işläp düzmegiň zerurdygyny aňladýar» diýip, gazet Indoneziýanyň döwlet kärhanalary ministri Erik Thohiriň sözlerine salgylanýar.

Neşiriň belleýşi ýaly, Baliniň demirgazygyndaky Buleleng etraby täze howa menziliniň gurluşygy üçin ýer hasaplanýar. Indoneziýanyň Prezidenti Prabowo Subianto ozal Singapur ýa-da Gonkong ýaly sebitde esasy ykdysady merkez döretmek meýilnamasy barada yglan edipdi.



## Masud Pezeşkianyň karary

**Eýranyň Prezidenti Masud Pezeşkian hökümet maslahatynda Yslam Respublikasynyň paýtagtyny göçürmek boýunça meýilnamanyň üstünde işlenip başlanandygy barada habar berdi. Bu barada ISNA gullugy habar berdi.**

**Maglumatlara görä, Prezident Pezeşkian meýilnamany taýýarlamak boýunça jogapkärli wezipäni birinji orunbasary Muhammet Reza Arefe ynandy.**

**– Bu meseläni äsgermezlik etmek, geljekde biziň ýurdumyzyň ekologiýa çökgünligine we beýleki köp sanly kynçylyklara duçar bolmagyna sebäp bolup biler – diýip, Pezeşkian belledi.**

**Ozal habar berlişi ýaly, 7-nji sentýabrda Eýranyň Prezidenti ýurduň paýtagtyny Tährandan Pars aýlagynyň kenarlaryna göçürmegiň zerurdygyny mälim etdi. Döwlet Baştutanynyň belleýşi ýaly, Tähran häzirki wagtda başga ýol bilen çözülip bilinmeýän meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolýar.**

**Eýran Mejlisiniň (bir palataly parlament) içerki syýasat boýunça komitetiniň agzasy Seýid Ruhollah Musawi, «eger-de degişli taýynlyklar görülse, bu pikiri amala aşyryp bolar» diýip belledi.**



## 92 müň orunlyk stadion gurlar

**Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadda Patyşa Salmanyň adyny göterjek stadionyň gurluşygynyň dizaýn meýilnamasy hödürlendi. 92 müň orunlyk täze stadionyň gurluşygyny 2029-njy ýylda tamamlamak meýilleşdirilýär. Saud Arabystanynyň Sport ministrligi täsin stadion bilen tanyşdyrýan kompýuterde döredilen mahabat wideosyny hödürledi. Kaşaň stadionyň dizaýny Las-Wegasdaky «Sfera» taslamasy bilen tanalýan «Populous» kompaniýasy tarapyndan işlenip düzüldi.**

**Binagärleriň sözlerine görä, desga çölde ýaňy gögerip ugran tohuma çalym edýär. Diwarlary we ganatlary ýaşyl otluk bilen basyryljak stadionyň degre-daşyny äpet seýilgäh gurşap alar. Sport ýaryşlaryny synlamaga gelen tomaşaçylar stadionyň üstündäki ýörite niýetlenen ýodalarda rahat gezelenç edip bilerler.**

**Stadionda VIP myhmanlar üçin goşmaça 2 müň 200 orun, VVIP tomaşaçylary üçin bolsa, 300 orun göz öňünde tutulan. Bu stadionyň uly sport toplumynyň bir bölegine öwrüljekdigi tassyklanýar. Bu ýerde futbol meýdançasyndan başga-da, skalodromlar, olimpiýa basseýni we ýeňil atletikaçylar üçin meýdançalar bolar. Stadionyň Saud Arabystanynyň milli futbol ýygyndysynyň merkezine öwrülmegine garaşylýar. Şeýle-de bu kaşaň desgada 2034-nji ýylyň futbol boýunça Dünýä çempionatynyň oýunlarynyň geçirilmegine garaşylýar.**



## TARYHDA ŞU GÜN

**1870-nji ýylyň 29-njy noýabrynda rus syýahatçysy Nikolaý Mihaýlowiç Prżewalskiniň Merkezi Aziýa ilkinji syýahaty başlanýar. Nikolaý Prżewalskiý Mongoliýa we Demirgazyk Tibete syýahat edýär. Ol ilkinji ýewropaly bolup, Lobnor kölüne ýetýär, ozal näbelli Altyndag gerşini açýar we Tibet platosynyň takyk araçägini kesgitleýär.**



## ULSAN «WODOROD ŞÄHERINE» ÖWRÜLER

**«Hyundai Motor» Koreýa Respublikasynyň Ulsan şäherini «wodorod şäherine» öwürmek üçin şäheriň häkimiýetleri bilen hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlyk etjekdigini habar berdi. Şu maksat bilen «Hyundai Motor» kompaniýasy we ýurduň Ulsan şäheriniň häkimiýetleri şäherde wodorod ekoulgamyny döretmek üçin özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama gol çekdiler. Şertnamanyň maksady wodorody öndürmek, saklamak, daşamak we ulanmak üçin zerur infrastrukturany ösdürmekden ybarat.**

**Resminama gol çekmek dabarasy «Hyundai Motor» kompaniýasynyň baş müdiri Li Don Sokuň we Ulsanyň häkimi Kim Du Gýomyň gatnaşmagynda geçirildi. Taraplar arassa wodorod önümçiligi, şol sanda suw elektrolizi ugurlarynda hem-de wodorod ulaglaryny işläp taýýarlamakda hyzmatdaşlyk etmek barada ylalaşyk gazandylar. Esasan hem, «Hyundai Motor» ýük gatnawlary üçin wodorod tirkeg çekijilerini işläp taýýarlamagy meýilleşdirýär, bu bolsa daşky gurşaw babatda arassa logistika ulgamyny döretmäge mümkinçilik berer.**

**Taslama wodorod traktorlarynyň we ýük ýükleýjileriň döredilmegini, şeýle-de sebitiň dürli logistika ugurlarynda wodorod awtoulaglaryny synagdan geçirmegi maksat edinýär. «Hyundai Motor»-yň baş direktorynyň belleýşi ýaly, bu taslama diňe bir kompaniýanyň wodorod energiýasy pudagyndaky ornuny berkitmek bilen çäklenmän, «ýaşyl» geljege tarap möhüm ädim bolar.**

**Taslama sebitde wodorod tehnologiýalaryny ösdürmäge we Ulsanyň Koreýa Respublikasynda wodorod infrastrukturasynyň merkezi hökmünde ornuny berkitmäge gönükdirilendir. «Wodorod şäheri» dünýäniň beýleki şäherleri üçin görelde bolup biljek ägirt uly taslamadyr. Ol durnukly we ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalara geçmegiň möhümdigini tassyklaýar.**



# HUANGLUO – uzyn saçly zenanlaryň obasy

**Hytaýyň Huangluo obasy uzyn saçly zenanlaryň mekany hasaplanýar. Huangluo obasynyň gadymy däp-dessurlary dowam etdirýän zenanlary öz saçlaryny iň gymmatly baýlyk hasaplaýarlar. Bu gadymy oturymly ýer Hytaýda «Uzyn saçly oba» diýlip atlandyrylýar. Hatda bu ýer Ginnesiň rekordlar kitaby tarapyndan «Dünýäniň iň uzyn saçly obasy» hökmünde ykrar edildi. Bu obadaky zenanlaryň ählisi saçyny 2 metre çenli ösdürýärler we saçyny çeýe hem sagdyn saklamagy başarýarlar. Eýsem, Huangluo obasynyň zenanlarynyň saçynyň uzyn bolmagynyň syry nämede?!**



Himiki serişde we şampun ulanmaýan bu obanyň zenanlary saçyny tebigy melhemlere ýuwýarlar. Obada saç ýuwmak üçin, esasan, tüwi ulanylýar. Tüwi düzüminde saç üçin peýdaly fermentleri we maddalary saklaýar. Zenanlar tüwini ýuwup ýa-da gaýnadyp suwuny alýarlar. Huangluo obasynyň uzyn saçly zenanlary saçyny ilki akar suwda ýuwup, soňra tüwiniň suwuna batyrýarlar.





Oba zenanlarynyň arasynda gadymdan dowam edip gelýän «Uzyn saç – uzak ömür, baýlyk we bagt getirýär» diýen yrym bar. Bu yryma görä, zenanyň saçy näçe uzyn bolsa, şonça-da bagtly bolýar.

Huangluo obasynyň düzgünine görä, gyzlara 18 ýaşynyň dolan gününde diňe bir gezek saçyny kesmäge rugsat berilýär. Emma kesilen uzyn saçyny satmak ýa-da zyňmak gadagan edilýär. Gyzlar kesen saçyny ejesine berýärler. Gyz durmuşa çykanda bolsa, kesilen saç ýigide gyzyň hossarlary tarapyndan sowgat berilýär. Obada zenanlaryň saçyny nädip örendigine seredip, olaryň ýagdaýyny bilip bolýar. Mysal üçin, zenanlar saçyny örüp, kellesiniň depesinde tegelek görnüşde ýygnan bolsa, durmuşa çykandygyny, ýöne entek perzendiniň ýokdugyny aňladýar. Egerde kellesine gara şarf orap, saçyny gizlän bolsa, çagasynyň bardygyny we saçyny diňe adamsynyň görüp biljekdigini habar berýär. Umuman, täsin düzgünlere eýerýän bu obanyň zenanlarynyň saçyna 80 ýaşyna ýetýänçä ak girmeýär. Uzyn saçly zenanlaryň ulanýan antioksidantlara, minerallara we E witamine baý turşumtyk tüwi suwy iň gadymy şampun hasaplanýar.

82 öýli, 400 adamdan gowrak ilaty bolan Huangluo obasy Guilin şäherinden 100 kilometr uzaklykda ýerleşýär. Obada 60-dan gowrak uzyn saçly zenan ýaşaýar. Ertekilerdäki şa gyzynyň saçyna meňzeýän uzyn saçly oba zenanlary köplenç milli lybaslary bolan ýüpek matadan keşdelenip tikilen gyzyl köýnek geýýärler. Şol sebäpli il içinde Huangluo obasyna «Gyzyl oba» hem diýilýär. Irki ýyllarda oba düzgünine görä, zenanlara adamsyndan we çagalaryndan başga adama saçyny görkezmäge rugsat berilmeýärdi. Zenanlaryň köpçülik bolup akar suwuň başynda saç ýuwmagy hem gadagan edilipdi. Bu köne düzgünler 1980-nji ýyllaryň ahyrynda ýatyryldy we däp-dessurlar täzeden dikeldildi. 2000-nji ýyllardan soň oba köp sanly syýahatçy baryp, Hytaýyň iň görnükli ýerleriniň birine öwrüldi.

# «Manifest»: ýylyň sözi saýlandy

Her ýylyň ahyrynda haýsy sözüň ýylyň adyna mynasypdygyny kesgitlemek üçin Kembrij sözlüginiň agzalary gözleg maglumatlarynda seljerme işlerini geçirýärler. 2024-nji ýylda iň köp ulanylan täsirli söz hökmünde «manifest» saýlandy. Kembrij sözlüginiň agzalary ýylyň sözüni saýlanda 3 esasy ölçegi göz öňünde tutup, «Haýsy söz internet ulgamynda iň köp gözlendi we meşhur boldy? Şol ýyl bolup geçen wakany haýsy söz has täsirli beýan etdi? Bu söz dil taýdan näme üçin gyzykly?» diýen soraglara jogap gözleýärler. Olar ýylyň sözüni ulanylyş gerimine, täsir edijiligine (sözüň güýji) we dil aýratynlygyna esaslanmak arkaly saýlaýarlar.



«Manifest» şu ýylyň iň köp ulanylýan sözleriniň biri bolup, internetde 130 müň gezek gözlenipdir. Bu söz 2023-nji ýylda Kembrij sözlügine täze manylaryny düşündirmek arkaly gaýtadan goşuldy. «Manifest» sözi irki ýyllarda fransuz we latyn dillerinde «karz almak» diýen manyda ulanylypdyr. «Manifest» adalgasy bilen baglanyşykly ilkinji ýazgylara 1300-nji ýyllaryň ortalarynda duş gelmek bolýar. «Hereketde ýüze çykarylan, görünýän ýa-da aç-açan» diýen manyda latynçadan iňlis diline geçen bu söz bir zady çürt-kesik açyp görkezmek bilen baglanyşykly jümlelerde ulanylýar.

Ilkibaşda özara gepleşikde ulanylan «manifest» häzirki wagtda sosial medianyň, esasy habar beriş serişdeleriniň moda sözi hasaplanýar. Hatda iňlis-alban aýdymçysy Dua Lipa, Olimpiýa gimnastikaçysy Simone Baýlz, hindi-britan aktrisasy Alia Batt we Angliýanyň milli ýygyndysynyň hüjümçisi Olli Wotkins ýaly meşhurlar hem üstünliklerini bu söz bilen aýtdylar.

Bu söz bir zady görkezmek, isleýän zadyňa ýetmegi göz öňüne getirmek we munuň amala aşjakdygyna ynanmak ýaly manylarda hem ulanylýar. Bulardan başga-da, «manifest» şübhesiz subut etmek, barlygy ýüze çykarmak, subutnamalary görkezmek, aýdyň we düşnükli, görnüp duran, kesgitli, aýdyp bolmajak, inkär edip bolmajak diýen manylary hem aňladýar. «Manifest» köplenç arzuw etmek, maksadyňa ýetmek, gowulyga ýetmek ýaly sözler bilen bilelikde söz düzümi görnüşinde hem ulanylýar.

# Gyş üçin C witamini zerur

**Witaminleriň arasynda C witamini bedenimiziň esasy zerurlyklarynyň biri hökmünde tapawutlanýar. Immuniteti güýçlendirýän, deriniň täzelenmegine we energiýany ýokarlandyrmaga ýardam edýän C witamini antioksidantlaryň çeşmesi hasaplanýar. Sitrus miwelerinde C witamininiň köp bölegi saklanýar. Sitrus miwelere limon, mandarin, apelsin, greýpfrut, bergamot, kamkat degişli bolup, esasan, hoşboý ysy we naryňç reňki bilen tapawutlanýar. Mundan başga-da, ýertudana, kiwi, ananas ýaly miwelerde, gyzyl burç, brokkoli, pomidor ýaly gök önümlerdir ter otlarda hem C witamini saklanýar. Bedende C witamininiň ýetmezçiligi saglyk bilen bagly çynlakaý kynçylyklary döredip bilýär. Esasan hem, howanyň sowuk günlerinde C witamine baý miweleri yzygiderli iýmek, beden üçin gerekli mukdarda C witamini almak zerur bolup durýar. Geliň, C witamininiň peýdaly taraplary bilen tanyş bolalyň!**



✓ C witamini bedeni gurplandyryp, ýokançlyklara garşy durujylygy ýokarlandyrýar. Sowuklama, dümew alamatlaryny aňsatlyk bilen ýeňip geçmäge kömek edýär.

✓ Bedende deri, süňkler we birleşdiriji dokumalar üçin zerur bolan kollagen öndürmekde möhüm orun eýeleýär.

✓ C witamindäki antioksidantlar öýjükleriň zaýalanmagynyň öňüni alyp, garramak alamatlaryny gijikdirýär we bedeni erkin radikallaryň täsirinden goraýar.

✓ Bedende demriň siňdirilmegini ýokarlandyryp, ganazlyk howpuny aradan aýyrýar.

✓ Bilermenler ýokary gan basyşy bilen ýüzbe-ýüz bolýan adamlara C witaminine baý sitrus miweleri yzygiderli iýmegi maslahat berýärler. C witamini gan damarlaryny gowşadyp, ýokary gan basyşynyň täsirini azaldýar.

✓ C witamini holesteriniň derejesini peseldip, ýürek kesellerinden goranmaga ýardam edýär.

✓ Uzakly günüň ýadawlygyny aýyrmakda C witamininiň täsiri diýseň uludyr. Agşamyna, esasan hem, gyş paslynda limonly çaý içmek energiýany dikeltmäge we ýadawlygy azaltmaga ýardam edýär.

### C WITAMININIŇ ÝETMEZÇILIK ALAMATLARY

◆ C witamininiň ýetmezçiligi bedeniň ýeterlik derejede askorbin turşusyny alyp bilmeýän ýagdaýydyr. Bu ýagdaý immunitetiň gowşamagyndan başlap, derä çenli köp babatda ýaramaz täsir edýär. C witamininiň ýetmezçiligi adatça köp wagtyň geçmegi bilen ýüze çykýar we alamatlar kem-kemden agyrlaşyp başlaýar.

◆ C witamini ýetmezçilik edende beden energiýa öndürmekde kynçylyk çekip, ýadawlyk we gowşaklyk alamatlary ýüze çykyp başlaýar.

◆ Bedeniň immunitet ulgamy gowşap, ýokançlyklar bilen göreşmek ukyby peselýär. Netijede, ýygy-ýygydan sowuklama ýa-da dümewleme ýaly alamatlar ýüze çykýar.

◆ C witamininiň ýetmezçiligi deriniň guramagyna, çişmegine we käbir ýaralaryň döremegine sebäp bolýar.

◆ Askorbin turşulygy ýeterlik derejede kabul edilmedik ýagdaýynda diş etinde agyrylar döräp, dişleriň düýbünden gan akma alamatlary ýüze çykyp bilýär.

◆ C witamini ýeterlik bolmadyk adamlarda bedeniň alyş-çalşygy kadaly işlemeýär. Netijede, horlanmak we işdäň kesilmek ýaly alamatlar ýüze çykýar.

◆ Bu witamini gerekli derejede kabul etmezlik bogunlarda agyrynyň döremegine, ganazlyk alamatlarynyň döremegine getirip bilýär.

## ÇAGALAR

**Robot sözi çeh dilinden terjime edilende «mejbury zähmet» diýmegi aňladýar. Robot programma esasynda dürli amallary ýerine ýetirýän awtomatik enjamdyr.**

# Robot oýnawaçlar güýmenjäniň täze görnüşi

**Ýaş nesliň wagtyny gyzykly hem-de peýdaly geçirmekleri üçin oýnawaçlaryň birnäçe görnüşleri bar. Muňa agaç, plastmassa oýnawaçlary, gurjaklary, kiçijik maşynlary, sökülip-düzülýän güýmenjeleri mysal getirmek bolar. Oýnawaçlar çaganyň işjeňligini artdyrmakda, ýatkeşligini ösdürmekde, täze maglumatlary öwretmekde hem-de aň-düşünje taýdan kämilleşdirmekde örän peýdalydyr. Çagalara niýetlenen, soňky ýyllarda oýlanyp tapylan döwrebap oýnawaçlaryň bir görnüşi hem robot oýnawaçlardyr. Robot oýnawaçlar ýaş nesliň aňynyň kämil derejede bolmagy hem-de ösen tehnologiýalara aňsatlyk bilen erk etmegi üçin öwrediji enjamlardyr. Geliň, robot oglanjyk we robot güjüjek bilen tanyş bolalyň!**



### QRIO (robot oglanjyk)

2003-nji ýylda «Sony» tarapyndan işlenip düzülen ikitaraplaýyn android oýnawaç bolan «robot oglanjygyň» boýy 58 santimetre, agramy 8 kilograma deň. Ornaşdyrylan utgaşmalar esasynda ol çalt hereket edip, zatlary alyp, basgançaklara çykyp, tans edip we bir aýagynyň üstünde durup bilýär. «Robot oglanjyk» dünýäniň dürli dillerinde 60 müň söz bilýär. Ol ýüzleri tanap, buýruklara boýun bolup, ýagdaýa baglylykda «akylly» soraglar berip bilýär. Oňa 64 MB RAM bilen RISC R5000 esasly üç sany içerki kompýuter ornaşdyrylandyr.

2005-nji ýylda QRIO iň çalt hereket edýän gumanid (adama meňzeş) robot hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Ol iki aýakda bökmek arkaly aýagy ýere degmezden erkin ýagdaýda özüne erk edip bilýär. QRIO sekuntda 23 santimetr tizlik bilen hereket edip bilýär. Şeýle-de, «Honda» kompaniýasy tarapyndan QRIO meňzeş ASIMO roboty işlenip düzüldi.

### AIBO (robot güjüjek)





«Sony» tarapyndan 1999-njy ýylda işlenilip düzülen robot itleriň bu görnüşiniň daş keşbini ýapon suratkeşi Hajime Soraýama işläp düzýär. «Aibo» ýapon sözi bolup, «söýgi, mähir, ýoldaş» diýen manyny aňladýar. «Robot güjüjek» wideokameranyň we infragyzyl aralyk datçikleriniň kömegi bilen töweregindäki zatlary «görüp», buýruklary ýerine ýetirip, ýüzleri tanap bilýär.

Aibonyň özüni alyp barşy daşky gurşawa baglylykda üýtgäp bilýär. Döredijiler Aiboda tehniki däl alty duýgynyň: bagt, gynanç, gorky, ýigrenç, geň galyjylyk we gahar bardygyny öňe sürýärler. Öz hojaýyny bilen aragatnaşyk saklamaga, oýunjaklar bilen oýnamaga ukyply bolan «robot güjüjek» 20 göterim erkinlige eýe. Emeli güjüjek dürli datçikler (temperatura, aralyk, tizlenme, duýgur datçikler we yrgyldy datçigi), wideokamera, mikrofon we ses çykaryjy bilen enjamlaşdyrylandyr. Aibo OPEN-R interfeýsinde gurlup, içinde Aperios RTOS tarapyndan dolandyrylýan 64 bitli RISC prosessor bar. Şeýle hem Aibolaryň arasynda «RoboCup» futbol oýunlary hem guralýar.

# Düýeguşlar, hakykatdanam, kellesini guma sokýarmy?

**Afrika yklymy äpet guşlaryň biri bolan düýeguşlaryň mekany hasaplanýar. Täsin hereketleri bilen köpçüligiň ünsüni özüne çekýän bu guşlar uçup bilmeýändigine garamazdan, sagatda 50-70 kilometr tizlikde ylgap bilýärler. Käte haýwanat bagynda ýa-da janly-jandarlaryň ýaşaýşy barada ýaýlyma goýberilýän wideofilmlerde bu äpet guşlaryň kellesini guma ýa-da ot-çöpüň arasynda gizleýändigini görýäris. Köpler munuň sebäbini «Düýeguş daşky howplardan gizlenmek üçin şeýdýär» diýip düşündirýärler. Eýsem, hakykatdanam düýeguşlar goranmak ýa-da gizlenmek üçin kellesini guma sokýarmy?**



Boýunyň 2,5 metrdigine, agramynyň 150 kilogramdan geçýändigine garamazdan, düýeguşuň kiçijik kellesi bar. Inçejik uzyn boýunly bu guşlaryň kamera meňzeş kiçijik kellesi olary gülkünç hem täsin görkezýär. Düýeguşlar ýumurtgalaýan möwsüminde kellesi we çüňki bilen ýerden çukur gazýarlar. Ýumurtgalaryny çukura gömüp, her gün çüňki bilen öwrüp durýarlar. Bu ýagdaýa uzakdan seredeniňde, düýeguşlar kellesini guma gizleýän ýaly görünýär. Mundan başga-da, bu äpet guşlar ösümlikleri iýenlerinde kellesi aşak bolansoň, uzakdan seredeniňde kellesini aşakda gizleýän ýaly görünýär.

### ÝALŇYŞ YNANÇLAR

Düýeguş barada iň köp ýaýran ynançlaryň biri hem howp abananda kellesini ýere gömýär diýen gürrüňdir. Bu ynanç hakykata we ylma esaslanmaýar. Aslynda, bu ynanç Rim tebigaty öwrenijisi Plininiň düýeguşlar baradaky ýazgylaryndan gelip çykýar. Plini düýeguşlar howp abananda özüni gizlemek üçin kellesini guma sokýarlar diýip ýazýar. Ýöne bu maglumat ylmy taýdan goldanylmaýar. Sebäbi bu guşlar dürli howplardan ylgap gaçmak arkaly goranýarlar. Sagatda 70 kilometr tizlikde ylgap bilýändiginden çen tutsaň, düýeguşlar näme üçin kellesini guma gizlesin?! Şeýle hem bu guşlar kellesini guma sokup gizlense, howa ýetmän heläk bolarlar.

# Ýagtylyk saçýan tomzak



Tebigatda dürli geň-taň hadysalara gabat gelmek bolýar. Olaryň biri hem ýaldyrawuk tomzaklardyr. Ylymda «Lampyridae» diýlip atlandyrylýan bu tomzaklar maşgalasynyň 2 müňden gowrak agzasy bar. Her jandaryň öz duşmanlaryndan goranmak üçin «ýaragy» bar. Olaryň käbiri duşmanyndan çeýe aýaklary bilen gaçyp gutulýan bolsa, käbirleri şahlary bilen goranýar. Käsi erbet ys ýaýradyp, öz duşmanyny gaçyrýan bolsa, käbiri bedenini çişirip, duşmanyna uly görnüp, haýbat atýar. Ýaldyrawuk tomzaklaryň yşyklarynyň duşmanlaryny gorkuzmagyna peýdasy bar. «Lampyridae» garaňky düşenden soňra biri-birini çagyrmak, käbir mör-möjekleri özüne çekmek üçin ýagtylyk saçyp başlaýar. Ýaşyl-sary reňkli ýagtylygy gören beýleki jandarlar bu tomzaklaryň tagamy erbetdir öýdüp, ondan uzaklaşmak bilen bolýarlar. Tropik howaly batgalyklarda we tokaýlyklarda ýaşaýan ýalpyldawuk tomzaklara Awstraliýada, Täze Zelandiýada we Ýewropanyň käbir ýurdunda duş gelmek bolýar.

### 7 tapawudy tapyň!



### Labirint



### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Şekilli sudoku



### Gyzykly pursat





Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Hasyl bolan arzuw

**Köpçülikde pylany synpdaşym ýa-da pylany talyplyk ýyllarynda bile okan ýoldaşym diýip, özüne ýakyn görenleriniň öwgüsini ýetirýän ynsanlara gabat gelinýär. Hakykatdanam, durmuşda seniň bilen ýakyn syrdaş, mähriban dost bolup gezen bile okan ýoldaşlaryň seniň kalbyňdan hiç mahal çykmaýar. Çünki olar seniň ýakyn hossarlaryň ýaly bolýar. Seniň bilen dostluk gatnaşygyny saklap, gerek ýerinde saňa kömek-goldawyny berip durýar. Meniň gürrüňini etjek bolýanym hem hut şeýle ynsanlardan. Onuň bilen tanyşlygym 1992-nji ýylda açylan Türkmen döwlet medeniýet institutynda bolupdy. Çünki şol ýyl institutda okamak üçin resminamalarymyzy tabşyryp, giriş synaglary üçin barypdyk. Şol ýyl ikimiz hem institutyň Teatr sungaty fakultetiniň Halk teatrynyň režissýory hünäriniň gaýybana talyby bolupdyk. Ýakynda men onuň bilen duşuşyp, döredijilik ýoly baradaky maglumatlary okyjylar köpçüligine ýetirmegi makul bildim.**

1972-nji ýylyň tomsunda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Gäwers obasynda işçi maşgalasynda dünýä inen Öwezmyrat Öwezow turuwbaşdan sungata ýykgyn edip, artist bolmagy arzuw edipdir. Ol obalaryndaky 9-njy orta mekdepde okap ýörkä mekdepde hereket edýän drama gurnagyna höwes bilen gatnaşyp, gysga sahnalarda keşp janlandyryp, synpdaşlarynyň içinde saýlanyp, mugallymlarynyň öwgüsine mynasyp bolýar. Ol okuwynyň daşyndan oba klubundaky drama gurnagynyň döredijilik toparyna goşulyp, ukyp-başarnygy, sungata bolan höwesi bilen özüni tanadyp başlaýar. Ol oba klubunda sahnalaşdyrylan «Uzak-uzak ýyllar», «Ýeňiş», «Aýna hakynda rowaýat», «Dökülmedik gan» atly sahna oýunlaryna gatnaşyp, özüne tabşyrylan keşpleriň hötdesinden gelmegi-de başarýar. Öwezmyradyň drama gurnagynyň toparyna goşulmagyna şol wagt oba geňeşliginde işleýän Aýsoltan Kowusowa sebäp bolýar.

Öwezmyradyň sungata bolan höwesini oýaryp, artist bolup ýetişmegine sebäp bolan ýene-de bir waka, şol wagtlar Öwezmyradyň obalaryndaky klubuň sahnasynda Aşgabadyň teatrlarynyň artistleriniň spektakllary bilen gelip çykyş etmekleri bolýar. Ol spektakllarda keşp janlandyrýan artistleri synlap, men hem şular ýaly artist bolup sahnada keşp janlandyraýsam diýip arzuw edipdir. «Adam — arzuwsyz, guş ganatsyz bolmaz» diýlişi ýaly, Öwezmyradyň şol arzuwy orta mekdebi tamamlanyndan soň Aýsoltan Kowusowanyň maslahat bermegi bilen hasyl bolýar.

Şu ýerde ýene bir zady belläp geçesim gelýär. Öwezmyrat maşgalada onunjy perzent bolup, ejesiniň, kakasynyň körpesidir. Ejesi Annasoltan ýeňňemiz bilen kakasy Isa agamyz on sany çagany terbiýeläp ýetişdirip, durmuş ýoluna atarýar. Öwezmyradyň ejesi öý hojalykçy bolandygyna



garamazdan şorta sözlere baý, degşip-gülüşmäni halaýan zenan bolupdyr. Kakasy bolsa sürüji bolup zähmet çekipdir.

Öwezmyrat mekdebi tamamlap, çagalykda eden arzuwyny hasyl etmek üçin Aşgabada sary ýola rowana bolýar. Ol öňki Türkmen döwlet pedagogiki sungat institutyna baryp, institutyň artistleri taýýarlaýan bölümine resminamalaryny tabşyrýar. Emma giriş synaglaryndan geçip bilmän yzyna gaýtmaly bolýar. Ol öz okan oba mekdebinde bir ýyl zähmet çekeninden soň, öňki Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynyň ýanyndaky aktýorlary taýýarlaýan teatr studiýa okuwa girýär. Bu ýerde Öwezmyrady halypa artist, pedagog, Türkmenistanyň halk artisti Nurmuhammet Keşşikow garşy alýar. Teatr studiýada Öwezmyrada Nurmuhammet halypadan başga-da halypa artistler Aman Gurbandurdyýew, Annamyrat Berdiýew, Welmyrat Amanow, Aman Kömekow, Annamuhammet Gurbanow dagy aktýor ussatlygyndan tälim berýär.

Öwezmyrat teatr studiýada okan döwri ençeme gysgajyk sahnalarda keşp janlandyrýar. Magtymguly Myşşyýewiň «Başdarak» sahnasynda döreden Goçgaryň, Güseýin Muhtarowyň «30-njy ýyllarynda» döreden Pälwan aganyň keşpleri mugallymlary tarapyndan oňat kabul edilýär. Teatr studiýanyň soňky ýylynda Öwezmyradyň okaýan bölümi diplom işi üçin italýan ýazyjysy Karlo Galdonynyň pýesasy esasynda «Iki aganyň hyzmatkäri» atly spektakly sahnalaşdyrýar. Bu sahna oýnunda Öwezmyrada baş keşp bolan Florindo Aratuziniň keşbini janlandyrmagy tabşyrýarlar. Bu keşp üçinem Öwezmyrat mugallymlarynyň sagbolsunlaryna mynasyp bolýar.

Teatr studiýany üstünlikli tamamlan Öwezmyrat ozalky Mollanepes teatrynda zähmet çekýän artistleriň hataryna



goşulýar. Baýry teatryň sahnasynda Öwezmyrada ilkinji gezek Bazar Amanowyň «Mollanepes» spektaklynda Atabegiň keşbini janlandyrmak bagty miýesser edýär. Şol keşbi janlandyrandan soň Öwezmyrada teatryň režissýorlary özleriniň sahnalaşdyrýan spektakllarynda keşp janlandyrmagy tabşyryp başlaýarlar. Olardan «Şagyzy Turandot», «Gala», «Demir aýal», «Nesimi», «Leýli-Mežnun» atly spektakllarda Öwezmyrat özüne tabşyrylan ululy-kiçili keşpleri janlandyrmagyň hötdesinden gelip, teatra ýene-de bir zehinli artistiň goşulandygyny aýan edýär.

Öwezmyrat bilimini ýokarlandyrmak maksady bilen 1992-nji ýylda täze açylan Türkmen döwlet medeniýet institutynyň Halk teatrynyň režissýory bölümine resminamalaryny tabşyrýar. Giriş synaglaryny üstünlikli tabşyran Öwezmyrady okuwa kabul edýärler. Bu ýerde-de Öwezmyrada halypasy Nurmuhammet Keşşikow, halk artisti Rejep Gurbanow aktýor ussatlygyndan tälim berip başlaýar. Instituty üstünlikli tamamlan Öwezmyrat ýokary bilimli ýaş hünärmen hökmünde obalaryndaky klubuň drama gurnagynyň režissýory bolup işläp başlaýar. Soňra ol kärdeşi hem obadaşy Öwezgeldi Orazow bilen obalaryndaky çagalar sungat mekdebinde işläp, sungata höwesek çagalara we ýetginjek oglan-gyzlara drama gurnagy, dutar, bagşyçylyk, çeperçilik, akkordeon saz guraly dersleri boýunça tälim berip başlaýarlar. Soňra Öwezmyrat şol ýerde mekdep müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary bolýar.

Soňra Öwezmyrat 2000–2001-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň medeniýet bölüminiň müdiri wezipesinde işleýär. Şondan soň Öwezmyrat Öwezow özüniň toplan iş tejribesini ýaş oglan-gyzlara öwretmek maksady bilen Türkmen döwlet medeniýet



institutyna işe barýar. Bu ýerde Öwezmyrat ilki Teatr sungaty fakultetiniň Aktýoryň ussatlygy we sahna dili kafedrasynyň mugallymy, soňra kafedra müdiri wezipelerinde zähmet çekýär. Soňra Öwezmyrat uly mugallym derejesine mynasyp bolýar. Ol talyplaryň ýyllyk we diplom işleri boýunça talyplar bilen sahnalaşdyrylýan spektakllarda režissýor, režissýoryň assistenti, režissýoryň kömekçisi wezipelerinde hem işläp, käbir spektakllarda bolsa özi-de aktýor hökmünde keşp janlandyryp gelýär. Olardan B.Kerbabaýewiň «Hüýrlukga Hemra», B.Abdyllaýewiň «Berç», Magtymguly Pyragynyň «Gökje kepderi» poemasy esasynda sahna oýny, G.Daňatarowyň «Yşk mülki», dramaturg Güseýin Muhtarowyň «Söýgi bar ýerinde», Ž.B.Moleriň «Zoraýakdan tebip bolan», hindi eseri esasynda «Çandunyň başdan geçirenleri», O.Gummadowyň «Aşyk magşuklar», G.Hugaýewiň «Bir köpek ýaşar eken», U.Gajibekowyň «Arşyn Mal alan», G.Daňatarowyň «Süýji durmuşyň gapysy», N.Ostrowskiniň «Tupan» eseri boýunça sahnalaşdyrylan sahna oýnunda, A.Berdiýewiň «Akbägülünde» Oguzhanyň, B.Amanowyň «Mollanepesinde» Döwlet Damyllanyň, G.Jumaýewiň «Talyplar durmuşynda» mugallymyň, A.Işangulyýewiň «Mämmetjanynda» burç satýanyň keşpleri Öwezmyradyň aktýorçylyk sungatyny özleşdirendiginden habar berýär. Ol ýokarda agzalyp geçilen sahna oýunlarynda diňe bir keşp janlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, talyplaryň döredýän keşpleriniň tomaşaça ynandyryjy bolmagy üçin hem tejribeli zähmetini siňdirip gelýär.

Öwezmyrat Öwezow esasy işiniň daşyndan Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi bilen hem aragatnaşyk saklap gelýär. Onuň aktýor hökmünde «Küştçi» filminde döreden Ýaşulynyň, «Kasam edýäris» filminde Kapitan Kulyýewiň, «Bugdaý sümmül bolanda» filminde harby wekiliň, «Mollanepes» filminde Arçanyň, «Keman» filminde Lukmanyň, «Täze ýyl sowgady» filminde Aýazbabanyň, «Täze ýyl şowhuny» filminde mugallymyň we Aýazbabanyň, «Kitap» filminde gazet redaktorynyň, «Magtymguly» filminde Arap baýyň keşpleri onuň aktýor hökmünde kino sungatyna goşan goşandy bolupdy.

Şonuň ýaly-da oňa Türkmenistanyň halk artisti Annamyrat Berdiýewiň «Kämillik ýoly» atly okuw gollanmasyna redaktorlyk etmek hem miýesser etdi. Ol «Sahna dili» atly okuw gollanma kitabynyň hem awtorlarynyň biridir.

Halypa mugallym Öwezmyrat Öwezowyň bagtly maşgalasy bar. Ol maşgalasy Begsoltan ýeňňemiz bilen dört ogly, bir gyzy terbiýeläp ýetişdirdi.

Halypa mugallym Öwezmyrat Öwezow döretmäge, zähmet çekmäge döredip berýän giň mümkinçilikleri üçin hem-de medeniýet, sungat, döredijilik adamlarynyň zähmetlerine berýän ünsi üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, peder ýoluny dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ýaş, alyp barýan döwlet ähmiýetli işlerinde rowaçlyklary arzuw edýär.

**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň hünärmeni.*



## 59-njy KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Ykbal, kysmat. **2.** Ylmy esasda öwrenmek barada alnyp barylýan derňew. **3.** Gurluşyk guraly. **4.** Himiki element. **5.** Adamy öwrenmek bilen baglanyşykly ylmy dersleriň toplumy. **6.** Tikinçilik jaýy. **7.** Suw howdanynyň bir görnüşi. **9.** Müçe ýyl hasabynyň üçünji ýyly. **10.** Kümüş nitrat. **11.** Arhitekturada simmetriýanyň garşylygy. **12.** Ussat şahyr. **15.** Ýokary okuw mekdepleriniň we ylmy edaralaryň garamagynda ylmy işgärleri taýýarlaýan kurs. **19.** Gyz ady. **20.** Mesopotamiýadaky Akkad dinastiýasynyň şasy ...-Sin. **21.** «Atarman-çaparman, ... ýigide,/Ýeri gelse aman-nurbat ýagşydyr» (Magtymguly Pyragy). **22.** Egin-eşikleriň iç tarapyna tutulýan mata. **23.** Süýümden işilen ýogyn ýüp. **25.** HTML resminamasy bolan «Microsoft Windows» programmasy. **26.** Inkär etmek. **28.** Daşary ýurt gyz ady. **29.** Uly gurbaga. **34.** Gresiýada bir şäher. **36.** Aýry düşünjeleri bir ýere jemlemek ýa-da birleşdirmek prosesi. **39.** Inçesagt, sagdyn bedenli. **40.** Meşhur polýak markasy. **41.** Geometrik şekil. **42.** Dogumly, tutanýerli. **44.** Meşhur meksikan tagamy. **45.** Meşhur rus ýazyjysy ... Bunin.

**KESELIGINE:** **2.** Kelle. **5.** Halkara guramanyň agzalarynyň umumy ýygnagy. **8.** Geometrik şekil. **12.** Gylyjyň daş gaby. **13.** Bir kärhananyň girdejisiniň aktiwleriniň bahasyna bolan gatnaşygy. **14.** Horwatiýadaky iň uly nebit we gaz kompaniýasy. **16.** Biriniň ýa-da bir zadyň daşyny gurşap alan giňişligi. **17.** Gaýragoýulmasyz, zerur. **18.** Himiki elementiň örän kiçi bölejigi. **19.** Günorta Aziýanyň demirgazyk-gündogar böleginde taryhy sebit. **24.** Okeaniýada bir döwlet. **25.** Işiň amala aşmagy üçin arzuw edilip aýdylýan alkyş sözi. **27.** Ruhanylaryň lybasy. **30.** Almanyň bir görnüşi. **31.** Pişikler maşgalasyndan bolan jandar. **32.** «Gezen-derýa, oturan - ...» (nakyl). **33.** Bir zady, wakany subut edýän resminama. **35.** Oglan ady. **37.** Mifiki girdenek. **38.** Arhitekturanyň bezeg elementi. **43.** Içerki öz-özüňi dolandyryş bilen administratiw-territorial birlik. **46.** Ilki bilen, ozaly bilen. **47.** Afrikada bir döwlet. **48.** Saz guraly. **49.** Nemes suratkeşi ... Lesser. **50.** Daşary ýurt gyz ady. **51.** Mehaniki hasaplaýyş enjamy. **52.** Ýuwaş ummanynyň merkezi böleginde adalar toplumy. **53.** Awtomatik telefon alyş-çalşygy.

**Şirli MÄMIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

**47-nji skanwordyň jogaby:**



**58-nji krosswordyň jogaby:**





**DIKLIGINE:** **1.** «Her öýde bir gyzyl bogdak» (matal). **2.** Ýaý okunyň ujuna geýdirilýän ujy çiş demir. **3.** Hakykat, hakyky garaýyş. **4.** Orta Aziýanyň meşhur naharlarynyň biri. **5.** Gadymy Müsür ýadygärligi. **6.** Börekden ulurak buglanyp bişirilýän nahar. **10.** Abraý, hatyra. **12.** Çykylýan ýer, gapy. **14.** «... öňden ýörär, akyl - yzdan» (nakyl). **15.** Hiç zat iýip-içmän. **16.** Tropik miwe. **19.** Esassyz delil, sebäp. **20.** Hudaýýoly. **21.** Gülüň bir görnüşi. **22.** Termin. **23.** Reňki ýiti bolmadyk. **25.** Çehiýanyň paýtagty.

**KESELIGINE:** **1.** Hazar deňziniň köne ady. **3.** Dessanlaryň biri. **7.** Pyýada ýodajygy. **8.** Göle, tüwe. **9.** Baglaýjy söz. **11.** Aw edýän adam. **13.** Öwünmek. **17.** Geçmişi öwrenýän ylym. **18.** Kösükli birýyllyk ösümlik. **19.** Ispaniýanyň futbol topary. **23.** Döwlet nyşany hökmünde kabul edilen dabaraly aýdym. **24.** Galyň mata. **26.** Ýiti ysly gül. **27.** Ýewropada bir döwlet. **28.** Kitaplar, gazet-žurnallar saklanýan we okyjylar köpçüliginiň olary okamagy üçin mümkinçilik döredýän edara. **29.** Gawunyň bir görnüşi.

## 60-njy KROSSWORD

**Arslanbek NEPESOW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*




## 48-nji SKANWORD

**Wepa ŞYHYÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# 31-nji tapgyryň duşuşyklary

**Türkmenistanyň milli çempionatynda 31-nji tapgyryň çäginde 3 duşuşyk geçirildi. Çempionlygyny wagtyndan öň yglan eden «Arkadag» topary myhmançylykda «Köpetdag» toparyndan 8-0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda gollaryň 3-sini Didar Durdyýew geçirdi. Ol 11-nji, 24-nji hem-de 31-nji minutlarda tapawutlandy. Beýleki gollary bolsa Ilýa Tamurkin (53), Begmyrat Baýow (67 p), Enwer Annaýew (82), Şamämmet Hydyrow (87) hem-de Nazar Towakelow (89) geçirdi.**

**2-nji ýerdäki «Ahal» topary öz meýdançasynda «Nebitçini» Elman Tagaýewiň gollary (27 p, 89) bilen 2-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.**

**«Merw» bilen «Şagadamyň» arasyndaky oýunda-da myhmanlar 1-0 hasabynda ýeňiş gazandy. 9 oýunçynyň sary kart alan duşuşygynda «Şagadamyň» ýeňiş goluny 45-nji minutda Hydyrgeldi Atdjanow öz adyna ýazdyrdy.**

**«Aşgabat» bilen «Altyn asyr» toparlarynyň arasyndaky duşuşygyň wagty soňa süýşürildi.**

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» (Ç) | 28 | 28 | 0 | 0 | 138—20 | 84 |
| 2 | «AHAL» | 28 | 21 | 1 | 6 | 64—27 | 64 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 26 | 18 | 2 | 6 | 65—28 | 56 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 29 | 13 | 1 | 15 | 39—47 | 40 |
| 5 | «MERW» | 29 | 11 | 2 | 16 | 21—55 | 35 |
| 6 | «NEBITÇI» | 29 | 8 | 3 | 18 | 27—62 | 27 |
| 7 | «AŞGABAT» | 28 | 7 | 4 | 17 | 24—55 | 25 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 29 | 4 | 5 | 20 | 18—65 | 17 |

# UEFA Milletler Ligasynyň bijeleri çekildi



**UEFA Milletler Ligasynda çärýek finalyň, şol sanda ligada galmak üçin ýa-da ýokary liga çykmak üçin geçiriljek pleý-off tapgyrynyň duşuşyklarynyň bijeleri belli boldy.**

«A» Ligada 1-2-nji orny eýelänleriň çärýek final duşuşyklarynda futbol janköýerlerine biri-birinden gyzykly 4 duşuşyk garaşýar. Olaryň iň esasysy Italiýa bilen Germaniýanyň arasyndaky oýun bolar. Şol sanda soňky çempion Ispaniýanyň ýygyndysy Niderlandlar bilen bije çekişdi. Daniýa bilen Portugaliýanyň hem-de Horwatiýa bilenem Fransiýanyň arasyndaky duşuşyklar çärýek finalyň beýleki oýunlary bolar. Ýarym finalda-da Italiýa – Germaniýa duşuşygynyň ýeňijisi Daniýa – Portugaliýa duşuşygynyň ýeňijisi bilen duşuşar. Niderlandlar – Ispaniýa oýnunda ýeňiş gazanan toparyň ýarym finaldaky garşydaşy-da Horwatiýa ýa-da Fransiýa bolar.

Türkiýäniň ýygyndysy «A» Liga çykmak üçin şol ligada galmak isleýän Wengriýa bilen duşuşar. Edil şonuň ýaly, Ukraina bilen Belgiýanyň, Awstriýa bilen Serbiýanyň hem-de Gresiýa bilen Şotlandiýanyň ýygyndylary özara duşuşarlar.

Islandiýa «B» Ligada galmak üçin Kosowony, Irlandiýa Bolgariýany, Gruziýa Ermenistany, Sloweniýa-da Slowakiýany ýeňmeli bolar.

Çärýek finalyň we beýleki pleý-off duşuşyklarynyň 1-nji oýunlary 2025-nji ýylyň 20-nji martynda, jogap duşuşyklary-da 23-nji martda oýnalar. Çärýek finalda ýeňiş gazanan 4 topar ýaryşy dowam edip, olar iýun aýynda ýarym finalda duşuşarlar. Ýarym finalda ýeňiş gazanan toparlar finalda ýaryşyň 4-nji çempiony bolmak üçin özara güýç synanyşarlar. Ýarym final we finalyň geçiriljek ýeri çärýek final duşuşyklaryndan soň belli ediler.

«C» we «D» Liganyň pleý-off duşuşyklary-da 2026-njy ýylyň martynda geçiriler.

**Çärýek finalyň duşuşyklary:** Italiýa – Germaniýa, Daniýa – Portugaliýa, Niderlandlar – Ispaniýa, Horwatiýa – Fransiýa

**«A»–«B» Ligalary pleý-off duşuşyklary:** Türkiýe – Wengriýa, Ukraina – Belgiýa, Awstriýa – Serbiýa, Gresiýa – Şotlandiýa

**«B»–«C» Ligalary pleý-off duşuşyklary:** Kosowo – Islandiýa, Bolgariýa – Irlandiýa, Ermenistan – Gruziýa, Slowakiýa – Sloweniýa

**«C»–«D» Ligalary pleý-off duşuşyklary:** Gibraltar – Latwiýa, Malta – Lýuksemburg



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*29-njy noýabr (anna)*
Malýorka – Walensiýa (01:00)
Braýton – Southempton (01:00)
*30-njy noýabr (şenbe)*
Barselona – Las Palmas (18:00)
Union Berlin – Baýer (19:30)
Milan – Empoli (22:00)
**West Ham – Arsenal (22:30)**
**Borussiýa D – Bawariýa (22:30)**
Walýadolid – Atletiko (01:00)
PSŽ – Nant (01:00)
*1-nji dekabr (ýekşenbe)*
Utreht – PSW (16:15)
Wilýarreal – Žirona (18:00)
**Çelsi – Aston Willa (18:30)**
**Man. Ýunaýted – Ewerton (18:30)**
Tottenham – Fulham (18:30)
Parma – Lasio (19:00)
Torino – Napoli (19:00)
Real Madrid – Hetafe (20:15)
**Liwerpul – Man. Siti (21:00)**
Galatasaraý – Eýüpspor (21:00)
**Krasnodar – Spartak (21:30)**
**Fiorentina – Inter (22:00)**
Leçče – Ýuwentus (00:45)
**Marsel – Monako (00:45)**
*2-nji dekabr (duşenbe)*
Roma – Atalanta (00:45)
*4-nji dekabr (çarşenbe)*
Man. Siti – N. Forest (00:30)
**Nýukasl – Liwerpul (00:30)**
**Arsenal – Man. Ýunaýted (01:15)**



## Yzly-yzyna 4-nji çempionlygyny baýram etdi

Formula 1 boýunça Dünýä çempionatynda möwsümiň tamamlanmagyna 2 ýaryş galanda, çempion belli boldy. ABŞ-nyň Las Wegas şäherinde geçirilen möwsümiň 22-nji ýaryşynda 6,2 kilometrlik trassada 50 aýlawy «Mercedes» toparynyň britaniýaly sürüjisi Jorj Rassell 1-nji orunda tamamlady. Ol ýaryşy 1 sagat 22 minut 05,969 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 2-nji ýeňşini gazandy. Ýeňijiden 7,313 sekunt yza galan topardaşy hem watandaşy Lýuwis Hamilton 2-nji orny eýeledi. «Ferrari» toparynyň ispan sürüjisi Karlos Saýns Junior bolsa ýeňijiden 11,906 sekunt giç pellehana gelip, münberiň 3-nji basgançagyna çykdy. «Ferrari» toparynyň beýleki sürüjisi, monakoly Şarl Lekler ýaryşy 4-nji orunda tamamlady.

Çempionlyk üçin göreşýän 2 sürüji – soňky 3 ýylyň çempiony Maks Werstappen («Red Bull») 5-nji, britaniýaly Lando Norris («McLaren») 6-njy orny eýeledi. Bu netije Maks Werstappeniň bassyr 4-nji gezek çempionlygy üçin ýeterlik boldy. Ol umumy sanawda 2-nji ýerdäki Norrisden möwsümiň tamamlanmagyna 2 ýaryş galanda, 63 utuk öňe saýlanyp, yzly-yzyna 4-nji çempionlygyny baýram etdi. Werstappen şu möwsümde 8 gezek 1-nji orny eýeledi. Şeýlelikde, Werstappen F1-de 4 çempionlygy bolan fransiýaly Alan Prost hem-de germaniýaly Sebastian Wettel bilen deňleşdi. 27 ýaşyndaky sürüji F1-de yzly-yzyna 4 gezek çempionlyk gazanan 4-nji pilot bolup, ondan öň Huan Manuel Fanhio, Mihael Şumaher (yzly-yzyna 5 çempionlygy bar), Sebastian Wettel hem-de Lýuwis Hamilton şeýle görkeziji bilen ýatda galypdy.

Möwsümiň soňky 2 ýaryşy 1-nji dekabrda Kataryň Lusail şäherinde, hem-de 8-nji dekabrda BAE-niň paýtagty Abu-Dabide guralar.



## Toýotada «Hyundai» çempion boldy

Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň iň soňky ýaryşy, 13-nji bäsleşigi Ýaponiýanyň Toýota şäherinde geçirildi. 21 tapgyrdan ybarat 302,59 kilometrlik ýaryşda «Toyota Gazoo» toparynyň britan sürüjisi Elfin Ewans ýeňiji boldy. Ol 3 sagat 24 minut 41 sekuntda ýaryşy tamamlap, karýerasyndaky 9-njy ýeňşini gazandy. Ýaryşda toparyň fransuz sürüjisi Sebastian Ožie 2-nji, «M-Sport Ford» toparynyň fransiýaly piloty Adrien Furmo 3-nji orna mynasyp boldy.

Ýaryşy 6-njy orunda tamamlan belgiýaly Tierri Noýwill karýerasynda Dünýä Ralli çempionatynyň çempionlygyny gazandy. «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly piloty utugyny 242-ä ýetirdi we 15 ýyllyk WRC karýerasynda ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Toýota şäherinde «Hýundai» toparynyň çempion bolmagy aýratyn bellärliklidir. Şol bir wagtyň özünde «Hyundai Shell Mobis» topary «Toyota Gazoo» toparynyň 5 ýyllyk çempionlygyny hem soňlandyrdy. Şeýle-de, 36 ýaşyndaky sürüji Dünýä Ralli çempionatynda çempionlyk gazanan ilkinji belgiýaly pilot hökmünde taryha girdi. Ol Dünýä Ralli çempionatynda çempion bolan 22-nji sürüji hökmünde hasaba alyndy.

Umumylykda, Elfin Ewans 210 utuk bilen 2-nji, 2019-njy ýylyň çempiony Ott Tanak bolsa 200 utuk toplap, 3-nji orny eýeledi. Mundan öňki 2 ýylyň çempiony, finlýandiýaly Kalle Rowanpera bu möwsümde 7-nji ýer bilen kanagatlanmaly boldy.

1977-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän Dünýä Ralli çempionatynda şu wagta çenli fransiýaly Sebastian Lýob iň köp çempion bolan sürüjidir. Onuň 9 çempionlygy bar. Bu ugurda 2-nji ýeri başga bir fransuz sürüjisi Sebastian Ožie eýeläp, ol 8 gezek çempion boldy. 3-nji ýerdäki finlýandiýaly Ýuha Kankkunen bilen Tommi Makkineniň 4 çempionlygy bar.



## Dewis Kubogyny ýene-de Italiýa aldy

Tennis boýunça erkek milli ýygyndylaryň arasyndaky Dewis Kubogy ýaryşynda Italiýa bassyr 2-nji gezek ýeňiji boldy. Ýaryşyň final tapgyry Ispaniýanyň Malaga şäherinde geçirilip, finalda Italiýa bilen Niderlandlaryň ýygyndylary duşuşdy. Italiýa çärýek finalda Argentinany 2:1, ýarym finalda Awstraliýany 2:0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Niderlandlar bolsa çärýek finalda Ispaniýadan 2:1, ýarym finalda-da Germaniýadan 2:0 hasaplar bilen üstün çykdy.

Finalda ýekeleýin duşuşyklaryň ikisinde-de italýanlar ýeňiş gazanyp, bu olaryň çempionlygy üçin ýeterlik boldy. Matteo Berrettini niderland Botik wan de Zandshulpy 6:4 we 6:2 hasaplar bilen utdy. ATP sanawynyň lideri Ýannik Sinner bolsa Tallon Grikspory 7:6 we 6:2 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Umumylykda 2:0 hasabynda ýeňiş gazanan Italiýanyň ýygyndysy bassyr 2-nji, taryhynda-da 3-nji gezek (1976, 2023, 2024) Dewis Kubogyny eýeledi. Italýanlar bu ugurda russiýaly tennisçiler bilen deňleşdi. Olar şu wagta çenli 6 gezegem finalda utulypdylar (1960, 1961, 1977, 1979, 1980, 1998). Italiýa geçen ýylky finalda Awstraliýany ýeňipdi. Niderlandlaryň ýygyndysyna bolsa ilkinji gezekki finalynda çempionlyk miýesser etmedi.

Italiýanyň düzüminde Ýannik Sinner, Matteo Berrettini, Lorenzo Musetti, Simone Bolelli hem-de Andrea Wawassari dagy çykyş etdiler. Şeýlelikde, bir ýylyň dowamynda zenanlardan soň Italiýanyň erkekler ýygyndysy hem çempion bolmagy başardy.

Dewis Kubogyna iň köp ABŞ-nyň (32) hem-de Awstraliýanyň (28) ýygyndylary mynasyp boldy.

# «Mançester Sitiniň» täze statistikalary

Angliýanyň çempionatynda «Mançester Siti» soňky ýyllardaky iň şowsuz günlerini başdan geçirýär. Ähli ýaryşlary goşanyňda, bassyr 5-nji duşuşygynda-da utulan «Mançester Sitiniň» tälimçisi Pep Guardiolanyň şeýle statistikasy ilkinji gezek hasaba alynýar. Öz meýdançasynda «Tottenhamdan» 4–0 hasabynda utulan «Mançester Sitiniň» derwezesinden gollaryň 2-sini öz doglan gününde Jeýms Meddison, beýlekileri-de Porro bilen Jonson geçirdi. Pepiň yzly-yzyna bu ýeňlişleri täze statistikalary hem ýüze çykarýar. «Mançester Sitiden» öň çempion hökmünde 1956-njy ýylda yzly-yzyna 5 oýunda «Çelsi» ýeňlipdi.



Şol bir wagtyň özünde «Mançester Siti» öz meýdançasynda 37 oýundan soň ilkinji gezek utuldy. Başgaça aýdylanda, «Mançester Siti» çempionatda soňky gezek «Etihad» stadionynda 2022-nji ýylyň 12-nji noýabrynda «Brentforddan» 2–1 hasabynda asgyn gelipdi.



Şeýle-de, «Mançester Siti» 2017-nji ýylyň ýanwaryndan («Ewerton» – «M. Siti»: 4–0) bäri ilkinji gezek 4 gol aratapawudy bilen utuldy. Soňky gezek 2006-njy ýylda yzly-yzyna 5 oýunda utulan «Mançester Siti» çempion hökmünde bolsa 1938-nji ýylda-da bassyr 5 duşuşykda ýeňlipdi we şol möwsümiň ahyrynda-da 2-nji liga düşüpdi.

«Çelsi» myhmançylykda Jekson we Fernandesiň gollary bilen «Lesteri» 2–1 hasabynda ýeňdi. Bu ýeňlişden soň «Lester Siti» tälimçisi Stiw Kuperi wezipesinden boşatdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Liwerpul» myhmançylykda «Southempton» toparyny Soboslai we Salahyň (2) gollary esasynda 3–2 hasabynda utdy. «Liwerpul» topary «Mançester Sitiniň» ýeňlişinden soň utuk aratapawudyny 8-e çykardy. «Arsenalyň» öz meýdançasynda «Nottingam Foresti» 3–0 hasap bilen ýeňen tapgyrynda täze tälimçisi Ruben Amorimiň ilkinji duşuşygynda «Mançester Ýunaýted» myhmançylykda «Ipswiç» bilen deňme-deň oýnady (1–1). «Arsenal» «Liwerpuldan» (2068 ýeňiş) soň Angliýanyň iň ýokary ligasynda 2000-nji ýeňşini gazanan 2-nji topar boldy.



### PREMIER LEAGUE (12) – 31 gol

**Lester—Çelsi: 1–2** (Aýew 90+4 — Jekson 15, Fernandes 75), **Bornmut—Braýton: 1–2** (Bruks 90+3 — Žoao Pedro 4, Mitomo 49), **Arsenal—N. Forest: 3–0** (Saka 15, Parti 52, Nwaneri 86), **Aston Willa—Kristal Palas: 2–2** (Wotkins 36, Barkli 77 — Sarr 4, Dewenni 45+1), **Ewerton—Brentford: 0–0, Fulham—Wulwerhempton: 1–4** (Iwobi 20 — Mateus Kunýa 31, 87, Žoao Gomeş 53, Gedeş 90+6), **Man. Siti—Tottenham: 0–4** (Meddison 13, 20, Porro 53, Jonson 90+3), **Southempton—Liwerpul: 2–3** (Armstrong 42, Fernandeş 56 — Soboslai 30, Salah 65, 82 p), **Ipswiç—M. Ýunaýted: 1–1** (Hatçinson 43 — Reşford 2), **Nýukasl—West Ham: 0–2** (Souçek 10, Wan-Bissaka 53)

### LA LIGA (14) – 34 gol

**Hetafe—Walýadolid: 2–0** (Rodriges 70, Nýom 73), **Walensiýa—Betis: 4–2** (Tarrega 8, Duro 50, 53, Diego Lopes 56 — Duro 14 ö.d., Awila 66), **Atletiko—Alawes: 2–1** (Grizmann 76 p, Sörlot 86 — Guridi 7 p), **Las Palmas—Malýorka: 2–3** (Essugu 77, Fabio Silwa 83 p — Dani Rodriges 46, Nawarro 56, Mohika 90+1), **Žirona—Espanýol: 4–1** (Hil 4, Miowski 16, 21, Kreýçi 27 — Puado 55), **Selta—Barselona: 2–2** (Gonzales 84, Alwares 86 — Rafinýa 15, Lewandowski 61), **Osasuna—Wilýarreal: 2–2** (Budimir 8, 20 p — Baena 67, Moreno 90+3 p), **Sewilýa—R. Wallekano: 1–0** (Sow 27), **Leganes—Real Madrid: 0–3** (Mbappe 43, Walwerde 66, Bellingam 85), **Atletik—R. Sosiedad: 1–0** (Sanset 26)

### SERIE A (13) – 24 gol

**Werona—Inter: 0–5** (Korrea 17, Turam 22, 25, De Wreý 31, Wissek 41), **Milan—Ýuwentus: 0–0, Parma—Atalanta: 1–3** (Kançelieri 49 — Retegi 4, Ederson 39, Lukman 75), **Jenoa—Kaliari: 2–2** (Frendrup 12, Miretti 59 — Marin 8 p, Pikkoli 88 p), **Komo—Fiorentina: 0–2** (Adli 20, Ken 68), **Torino—Monza: 1–1** (Masina 59 — Juriç 53), **Napoli—Roma: 1–0** (Lukaku 54), **Lasio—Bolonýa: 3–0** (Žigo 68, Zakkanýi 72, Dele-Başiru 90+2), **Empoli—Udineze: 1–1** (Pellegri 23 — Dewis 76), **Wenesiýa—Leçče: 0–1** (Dorgu 70)

### BUNDESLIGA (11) – 30 gol

**Bawariýa—Augsburg: 3–0** (Keýn 63 p, 90+3 p, 90+5), **Baýer—Haýdenhaým: 5–2** (Palasios 30, Şik 32, 52, 71, Džaka 82 — Dorş 10, Gonsak 21), **Ştutgart—Bohum: 2–0** (Fürih 53, Dil 78), **Borussiýa D—Fraýburg: 4–0** (Baýer 7, Nmeça 40, Brandt 66, Baýnou-Gittens 77), **Hoffenhaým—Leipsig: 4–3** (Gložek 17, 82, Bişof 50, Brýun-Larsen 87 — Orban 15, Nusa 19, Nsoki 67 ö.d.), **Wolfsburg—Union Berlin: 1–0** (Baku 71), **Aýntraht—Werder: 1–0** (Gýotse 45), **Holştaýn—Maýns: 0–3** (Amiri 11, Burkardt 37 p, Li Je Son 53), **Borussiýa M—Sankt-Pauli: 2–0** (Plea 13, Klýaýndinst 44)

### LIGUE 1 (12) – 22 gol

**Monako—Brest: 3–2** (Akliuş 5, 90+1, Golowin 24 — Sima 50, Ažork 90+6), **PSŽ—Tuluza: 3–0** (Neweş 35, Beraldo 84, Witinýa 90+1), **Lans—Marsel: 1–3** (Fülžini 80 — Ronžie 49, Luis Enrike 57, Hýoýberg 89), **Sent-Etien—Monpelie: 1–0** (Buşuari 47), **Reýms—Lion: 1–1** (Diakite 5 — Şerki 38), **Lill—Renn: 1–0** (Žegrowa 45), **Oser—Anže: 1–0** (Traore 90+3), **Nant—Le Hawr: 0–2** (Kazimir 3, Ngura 74), **Nissa—Strasbur: 2–1** (Bar 54, Silla 62 ö.d. — Bakwa 20)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 12 | 10 | 1 | 1 | 24-8 | 31 |
| 2 | MAN. SITI | 12 | 7 | 2 | 3 | 22-17 | 23 |
| 3 | ÇELSI | 12 | 6 | 4 | 2 | 23-14 | 22 |
| 4 | ARSENAL | 12 | 6 | 4 | 2 | 21-12 | 22 |
| 5 | BRAÝTON | 12 | 6 | 4 | 2 | 21-16 | 22 |
| 6 | TOTTENHAM | 12 | 6 | 1 | 5 | 27-13 | 19 |
| 7 | N. FOREST | 12 | 5 | 4 | 3 | 15-13 | 19 |
| 8 | ASTON WILLA | 12 | 5 | 4 | 3 | 19-19 | 19 |
| 9 | FULHAM | 12 | 5 | 3 | 4 | 17-17 | 18 |
| 10 | NÝUKASL | 12 | 5 | 3 | 4 | 13-13 | 18 |
| 11 | BRENTFORD | 12 | 5 | 2 | 5 | 22-22 | 17 |
| 12 | M. ÝUNAÝTED | 12 | 4 | 4 | 4 | 13-13 | 16 |
| 13 | BORNMUT | 12 | 4 | 3 | 5 | 16-17 | 15 |
| 14 | WEST HAM | 12 | 4 | 3 | 5 | 15-19 | 15 |
| 15 | EWERTON | 12 | 2 | 5 | 5 | 10-17 | 11 |
| 16 | LESTER SITI | 12 | 2 | 4 | 6 | 15-23 | 10 |
| 17 | W. HEMPTON | 12 | 2 | 3 | 7 | 20-28 | 9 |
| 18 | IPSWIÇ TAWN | 12 | 1 | 6 | 5 | 13-23 | 9 |
| 19 | KRISTAL PALAS | 12 | 1 | 5 | 6 | 10-17 | 8 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 12 | 1 | 1 | 10 | 9-24 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 12 |
| 2 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 10 |
| 3 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 8 |
| 4 | Brian MBEMO (Brentford) | 8 |
| 5 | Koul PALMER (Çelsi) | 7 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 14 | 11 | 1 | 2 | 42-14 | 34 |
| 2 | REAL MADRID | 13 | 9 | 3 | 1 | 28-11 | 30 |
| 3 | ATLETIKO M | 14 | 8 | 5 | 1 | 21-8 | 29 |
| 4 | WILÝARREAL | 13 | 7 | 4 | 2 | 25-21 | 25 |
| 5 | ATLETIK B | 14 | 6 | 5 | 3 | 20-13 | 23 |
| 6 | OSASUNA | 14 | 6 | 4 | 4 | 19-22 | 22 |
| 7 | ŽIRONA | 14 | 6 | 3 | 5 | 20-18 | 21 |
| 8 | MALÝORKA | 14 | 6 | 3 | 5 | 13-12 | 21 |
| 9 | BETIS | 14 | 5 | 5 | 4 | 16-16 | 20 |
| 10 | R. SOSIEDAD | 14 | 5 | 3 | 6 | 11-11 | 18 |
| 11 | SELTA | 14 | 5 | 3 | 6 | 22-24 | 18 |
| 12 | SEWILÝA | 14 | 5 | 3 | 6 | 13-18 | 18 |
| 13 | R. WALLEKANO | 13 | 4 | 4 | 5 | 13-14 | 16 |
| 14 | LEGANES | 14 | 3 | 5 | 6 | 13-19 | 14 |
| 15 | HETAFE | 14 | 2 | 7 | 5 | 10-11 | 13 |
| 16 | ALAWES | 14 | 4 | 1 | 9 | 15-24 | 13 |
| 17 | LAS PALMAS | 14 | 3 | 3 | 8 | 18-25 | 12 |
| 18 | WALENSIÝA | 12 | 2 | 4 | 6 | 12-19 | 10 |
| 19 | ESPANÝOL | 13 | 3 | 1 | 9 | 12-26 | 10 |
| 20 | WALÝADOLID | 14 | 2 | 3 | 9 | 10-27 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 15 |
| 2 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 8 |
| 3 | RAFINÝA (Barselona) | 8 |
| 4 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 8 |
| 5 | Aýose PERES (Wilýarreal) | 7 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 13 | 9 | 2 | 2 | 20-9 | 29 |
| 2 | ATALANTA | 13 | 9 | 1 | 3 | 34-16 | 28 |
| 3 | INTER | 13 | 8 | 4 | 1 | 31-14 | 28 |
| 4 | FIORENTINA | 13 | 8 | 4 | 1 | 27-10 | 28 |
| 5 | LASIO | 13 | 9 | 1 | 3 | 28-14 | 28 |
| 6 | ÝUWENTUS | 13 | 6 | 7 | 0 | 21-7 | 25 |
| 7 | MILAN | 12 | 5 | 4 | 3 | 20-14 | 19 |
| 8 | BOLONÝA | 12 | 4 | 6 | 2 | 15-16 | 18 |
| 9 | UDINEZE | 13 | 5 | 2 | 6 | 16-19 | 17 |
| 10 | EMPOLI | 13 | 3 | 7 | 3 | 10-11 | 16 |
| 11 | TORINO | 13 | 4 | 3 | 6 | 16-19 | 15 |
| 12 | ROMA | 13 | 3 | 4 | 6 | 14-18 | 13 |
| 13 | PARMA | 13 | 2 | 6 | 5 | 17-21 | 12 |
| 14 | WERONA | 13 | 4 | 0 | 9 | 17-32 | 12 |
| 15 | LEÇÇE | 13 | 3 | 3 | 7 | 7-21 | 12 |
| 16 | KALIARI | 13 | 2 | 5 | 6 | 14-24 | 11 |
| 17 | JENOA | 13 | 2 | 5 | 6 | 11-24 | 11 |
| 18 | KOMO | 13 | 2 | 4 | 7 | 13-25 | 10 |
| 19 | MONZA | 13 | 1 | 6 | 6 | 11-16 | 9 |
| 20 | WENESIÝA | 13 | 2 | 2 | 9 | 11-22 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 12 |
| 2 | Moýze KEN (Fiorentina) | 9 |
| 3 | Markus TURAM (Inter) | 9 |
| 4 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 7 |
| 5 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 6 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 11 | 9 | 2 | 0 | 36-7 | 29 |
| 2 | AÝNTRAHT | 11 | 7 | 2 | 2 | 27-16 | 23 |
| 3 | LEIPSIG | 11 | 6 | 3 | 2 | 18-9 | 21 |
| 4 | BAÝER | 11 | 5 | 5 | 1 | 26-18 | 20 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 11 | 6 | 1 | 4 | 22-18 | 19 |
| 6 | BORUSSIÝA M | 11 | 5 | 2 | 4 | 17-14 | 17 |
| 7 | FRAÝBURG | 11 | 5 | 2 | 4 | 13-15 | 17 |
| 8 | MAÝNS | 11 | 4 | 4 | 3 | 18-14 | 16 |
| 9 | ŞTUTGART | 11 | 4 | 4 | 3 | 21-19 | 16 |
| 10 | UNION BERLIN | 11 | 4 | 4 | 3 | 9-9 | 16 |
| 11 | WOLFSBURG | 11 | 4 | 3 | 4 | 20-18 | 15 |
| 12 | WERDER | 11 | 4 | 3 | 4 | 17-22 | 15 |
| 13 | HOFFENHAÝM | 11 | 3 | 3 | 5 | 17-22 | 12 |
| 14 | AUGSBURG | 11 | 3 | 3 | 5 | 13-23 | 12 |
| 15 | HAÝDENHAÝM | 11 | 3 | 1 | 7 | 15-20 | 10 |
| 16 | SANKT-PAULI | 11 | 2 | 2 | 7 | 7-14 | 8 |
| 17 | HOLŞTAÝN | 11 | 1 | 2 | 8 | 12-28 | 5 |
| 18 | BOHUM | 11 | 0 | 2 | 9 | 10-32 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 14 |
| 2 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 11 |
| 3 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 7 |
| 4 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 7 |
| 5 | Wiktor BONIFEÝS (Baýer) | 6 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 12 | 10 | 2 | 0 | 36-10 | 32 |
| 2 | MONAKO | 12 | 8 | 2 | 2 | 21-10 | 26 |
| 3 | MARSEL | 12 | 7 | 2 | 3 | 27-16 | 23 |
| 4 | LILL | 12 | 6 | 4 | 2 | 19-11 | 22 |
| 5 | NISSA | 12 | 5 | 5 | 2 | 23-12 | 20 |
| 6 | LION | 12 | 5 | 4 | 3 | 19-16 | 19 |
| 7 | OSER | 12 | 6 | 1 | 5 | 21-19 | 19 |
| 8 | REÝMS | 12 | 5 | 3 | 4 | 20-16 | 18 |
| 9 | LANS | 12 | 4 | 5 | 3 | 13-12 | 17 |
| 10 | TULUZA | 12 | 4 | 3 | 5 | 13-14 | 15 |
| 11 | STRASBUR | 12 | 3 | 4 | 5 | 21-24 | 13 |
| 12 | BREST | 12 | 4 | 1 | 7 | 16-22 | 13 |
| 13 | SENT-ETIEN | 12 | 4 | 1 | 7 | 11-25 | 13 |
| 14 | LE HAWR | 12 | 4 | 0 | 8 | 10-23 | 12 |
| 15 | RENN | 12 | 3 | 2 | 7 | 13-19 | 11 |
| 16 | NANT | 12 | 2 | 4 | 6 | 14-19 | 10 |
| 17 | ANŽE | 12 | 2 | 4 | 6 | 13-21 | 10 |
| 18 | MONPELIE | 12 | 2 | 1 | 9 | 11-32 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 10 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 8 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 7 |
| 4 | Ewan GESSAND (Nissa) | 6 |
| 5 | Keýto NAKAMURA (Reýms) | 6 |

# «Serie A»-da çempionlyk ugrunda ýiti göreş

**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Barselona» myhmançylykda «Selta» bilen duşuşyp, Rafinýa hem-de Lewandowskiniň gollary esasynda öňe saýlandy. Ýöne 82-nji minutda Kubarsiniň gyzyl kart almagyndan soň 2 minutda 2 gol geçirden katalonlar ýeňşi elden giderdi. «Real Madrid» bolsa myhmançylykda «Leganesden» Mbappe, Walwerde hem-de Bellingamyň gollary bilen 3–0 hasabynda üstün çykdy. «Atletik» bilen «Real Sosiedadyň» arasyndaky Bask derbisinde-de Sansetiň ýeke-täk goly bilen ýeňiş bilbaolylaryň tarapynda boldy. 1 aý töweregi wagtdan soň ilkinji duşuşygyny geçiren «Walensiýa» topary öz meýdançasynda «Betisi» 4–2 hasabynda ýeňdi. «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Alawesi» Grizmann we Sörlotyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. Bu duşuşyk tälimçi Diego Simeoneniň klubdaky 700-nji oýny hökmünde bellige alyndy.





**Italiýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi oýnunda – «Milan» bilen «Ýuwentusyň» duşuşygyndan gol sesi eşidilmedi. Bu ýeňlişsiz ýoluny dowam edýän «Ýuwentusyň» 7-nji deňligidir. Soňky çempion «Inter» myhmançylykda «Weronanyň» derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi. Gollaryň 5-si hem 1-nji ýarymda derwezä girizilip, olaryň 2-sini Markus Turam öz adyna ýazdyrdy. «Napoli» hem öz meýdançasynda «Romany» geçen möwsümde paýtagtlylaryň düzüminde oýnan Romelu Lukakunyň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda utdy. «Atalanta» myhmançylykda «Parmany» 3–1, «Lasio» öz meýdançasynda «Bolonýany», «Fiorentina» hem myhmançylykda «Komony» 2–0 hasaplar bilen ýeňip, utuklaryny 28-e çykardylar.



**Fransiýanyň çempionatynda** öňdebaryjy 3 toparam bu tapgyrda 3 utugy 3 gol bilen gazandylar. PSŽ öz meýdançasynda «Tulузany» Neweşiň, Beraldonyň hem-de Witinýanyň gollary esasynda 3–0 hasabynda utdy. «Monako» bolsa «Bresti» Akliuşyň (2) hem-de Golowiniň gollary bilen 3–2 hasabynda ýeňdi. «Marsel» toparyna-da myhmançylykda «Lansy» ýeňmek kyn düşmedi (3–1).

**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň ýeňlişsiz lideri «Bawariýa» topary «Augsburgy» Harri Keýniň het-trigi bilen 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Angliýaly hüjümçi soňky 2 goluny 90-njy minutdan soň geçirdi. Çempion «Baýer» öz meýdançasynda «Haýdenhaým» bilen duşuşyp, myhmanlar ilkinji 20 minutda 2-0 hasabynda öňe saýlandylar. Ýöne ýer eýeleri 1-nji ýarym tamamlanmanka hasaby deňläp, 2-nji ýarymda-da 3 gol geçirdiler. 5–2 hasabynda taryhy kembek eden «Baýeriň» gollarynyň 3-sini Patrik Şik, beýlekileri-de Palasios bilen Džaka geçirdi. Öz meýdançasynda utuk ýitirmän gelýän «Borussiýa Dortmund» topary «Fraýburgyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. 7 goluň geçirilen oýnunda soňky 8 minutda 2 gol geçirden «Leipsig» myhmançylykda «Hoffenhaýmdan» 4–3 hasabynda asgyn geldi.

# «LIWERPUL» ÝARYŞY DOWAM ETDIRJEK ILKINJI TOPAR

**UEFA Çempionlar Ligasynda 5-nji duşuşyklar geçirilip, 18 oýunda 67 gol hasaba alyndy. Sişenbe günki oýunlarda 40 gol geçirilip, UEFA-nyň bu ýaryşynda 10 ýyldan soň şeýle statistika gaýtalandy. 7 oýunda myhmanlar, 8 oýunda-da ýer eýeleri ýeňiş gazandy. 1-i golsuz 3 duşuşyk deňlikde tamamlandy. 5 klub bilen wekilçilik edýän «Bundesliganyň» 3 topary ýeňip, 2 topary-da ýeňlişe sezewar boldy. Şonuň ýaly, italýan klublarynyň hem 3-si ýeňdi, 1-i utuldy, 1-i deňme-deň oýnady. Ispan klublarynyň 2-si ýeňip, 2-si utuldy. Iňlis toparlary bu tapgyry ýeňlişsiz tamamlap, olaryň 2-si ýeňiş gazandy, 2-si bolsa deňme-deň netije görkezdi. Fransuz klublarynyň diňe 1-i ýeňdi, 3-si ýeňlişe sezewar boldy.**

5-nji oýunlardan soň «Liwerpul» ýeke utuk hem ýitirmän gelýär. Olar şu wagta çenli diňe 1 gol geçirtdi we indiki tapgyra çykmaga hukuk gazandy. Olaryň azyndan ilkinji 24 toparyň biri boljakdygy anyk belli boldy. «Inter» topary bu tapgyrda-da derwezesini goldan goramagy başardy we olar häzirki wagtda gol geçirtmedik ýeke-täk topardyr. 5-nji duşuşyklardan soň diňe 3 topar ýeňlişsiz ýoluny dowam edýär. Olar «Liwerpul», «Inter» hem-de «Atalanta» klublarydyr. «Monako», «Sporting», «Brest» toparlary bolsa ilkinji gezek ýeňildiler.

Şeýle-de, bu tapgyrda-da ýeňlişe sezewar bolan «Leipsig», «Slowan Bratislawa» hem-de «Ýang Boýz» toparlary galan duşuşyklarynda ýeňiş gazansa-da, olara ilkinji 8-lige düşmek başartmaz. 5-nji duşuşyklardan soň çempionlygyň dalaşgärlerinden, soňky çempion «Real Madridiň» 24-nji, şol sanda PSŽ-niň 25-nji bolmagy aýratyn bellärliklidir.

Belgiýanyň «Klub Brýugge» topary myhmançylykda Şotlandiýanyň «Seltigi» bilen duşuşyp, 1-1 hasabynda deňme-deň oýnady. Duşuşygyň 26-njy minutynda Karter-Wikers topy ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden girizdi we myhmanlar öňe saýlandy. Ýer eýeleri duşuşygyň 60-njy minutynda ýaponiýaly hüjümçisi Daizen Maedanyň goly bilen hasaby deňledi.

Serbiýanyň çempiony «Srwena Zwezda» öz meýdançasynda «Ştutgart» bilen duşuşdy. Oýunda nemes kluby 5-nji minutda Demirowiçiň goly bilen öňe geçdi. Ýöne ýer eýeleri dessine Mwumpanyň goly bilen hasaby deňläp, soňam Kruniçiň goly esasynda öňe saýlandy. 2-nji ýarymda-da belgradlylar has erjel oýun görkezip, garşydaşynyň derwezesinden ýene-de 3 gol saldy. Şol gollary Iwaniç bilen Radýoniç (2) öz atlaryna ýazdyrdylar.

### «Mançester Siti» ýeňşi ýatdan çykardy

● Pep Guardiolanyň tälimçiligindäki «Mançester Siti» toparyndaky şowsuzlyk dowam edýär. Ähli ýaryşlary hasaba alanyňda 5 oýundan bäri utulyp gelýän «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Feýe-



noord» bilen duşuşdy. 50 minutda 3 gol geçiren Pepiň şägirtleri 3–0 hasabynda öňe saýlandy. Gollary 44-nji minutda penaltiden hem-de 53-nji minutda Erling Holann bilen 50-nji minutda Ilkaý Gündogan geçirdi. Holannyň Çempionlar Ligasyndaky gollarynyň sany 44 oýunda 46 boldy. Ýöne oýnuň soňky 15 minutynda myhmanlar başgaça oýun görkezdi. 75-nji minutda Hadj Mussa aratapawudy 2 gola düşürse, 82-nji minutda Himenes rotterdamlylary hasam umytlandyrdy. Oýnuň 89-njy minutynda bolsa Hansko hasaby deňledi. Şunlukda, «Mançester Siti» Çempionlar Ligasynyň taryhynda 3–0 hasabynda öňde barýarka, 75-nji minutdan soň 3 gol geçirdip, ýeňşi elden gideren ilkinji topar boldy. Agza-burna gelen ýeňşi elden gideren «Mançester Sitiniň» ýeňlişsiz ýörişi 6 oýna çykdy. Klubuň indiki duşuşygy çempionatda ýekşenbe güni myhmançylykda «Liwerpul» bilen bolar.



### Ronaldo we Messiden soň Lewandowski

● Ispaniýanyň «Barselona» topary öz meýdançasynda bu ýaryşyň garaşylmadyk öňdebaryjylaryndan, ýeňlişsiz «Brest» topary bilen duşuşdy. Ýer eýeleriniň doly artykmaçlygynda geçen oýnuň 10-njy minutynda Robert Lewandowski eminiň bellän penalti urgusyny dürs urup, hasaby açdy. Bu polşaly



hüjümçiniň UEFA Çempionlar Ligasyndaky 100-nji goly hökmünde hasaba alyndy. Ol Çempionlar Ligasynda Kristiano Ronaldo we Lionel Messiden soň 100 gol geçiren 3-nji futbolçy bolup, 125 oýunda bu statistika ýetmegi başardy. Duşuşygyň 66-njy minutynda Dani Olmo hasaby 2-ä çykarsa, 90+2-nji minutda 101-nji goluny geçiren Lewandowski oýna soňky nokady goýdy. «Brest» bu ýaryşda ilkinji gezek ýeňlip, «Barselona» 4-nji ýeňşini baýram etdi.

### Milanlylara ýeňil düşmedi

● UEFA Çempionlar Ligasynda 5-nji duşuşyklar geçirilip, bu kubogyň 7 gezek eýesi «Milan» myhmançylykda «Slowan Bratislawa» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Milan» 3-2 hasabynda ýeňiş gazandy. «Milanyň» gollaryny 21-nji minutda Kristian Pulişiç, 68-nji minutda 2-nji ýarymda oýna goşulan Rafael Leao hem-de 71-nji minutda goragçylaryň gödek ýalňyşlygyndan peýdalanan Temmi Abraham geçirdi. Angliýaly hüjümçi ilkinji gezek UÇL-de gol geçirmegi başardy. Ýer eýelerinden bolsa Barsegýanyň 24-nji, Marçelliniň 88-nji minutlardaky gollary ýeňşe ýetmedi.

Milan şäheriniň beýleki wekili «Inter» bolsa öz meýdançasynda «Leipsigi» Lukebanyň 27-nji minutda ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden geçiren ýeke-täk goly esasynda ýeňdi. Edil «Leipsig» hem «Slowan» ýaly 5-nji duşuşygynda ýeňlişe sezewar boldy.

### «Atletiko» hem-de «Atalanta» myhmançylykda 6 gol geçirdi

● 5-nji duşuşyklaryň 1-nji gününde 2 topar myhmançylykda garşydaşlarynyň derwezesinden 6 gol girizdi. Pragada ýerli «Sparta» bilen duşuşan Madridiň «Atletikosy» 6-0 hasabynda ýeňiş gazandy. Gollaryň 4-sini argentinaly oýunçylar – Hulian Alwares (15, 19) bilen oýna soň goşulyp, soňky 5 minutda tapawutlanan Anhel Korrea (85, 89) geçirdi. Beýleki gollary-da Llorente bilen Grizmann öz atlaryna ýazdyrdylar. Bu duşuşyk Antuan Grizmannyň Çempionlar Ligasyndaky 100-nji duşuşygy hökmünde hasaba alyndy.

Myhmançylykda 6 gol geçiren beýleki bir topar bolsa «Atalanta» kluby bolup, olar «Ýang Boýzy» Şweýsariýada 6-1 hasabynda ýeňmegiň hötdesinden geldi. Duşuşykda Retegi (9, 39) bilen De Ketelareniň hersi 2 gol saldy. Kolaşinas hem-de Samaržiçiň gollary-da aratapawudyň has ýokary bolmagyna uly goşant goşdy. Belgiýaly ýaş oýunçy De Ketelare 2 goldan daşgary-da 3 goluň pasyny hem berip, toparynyň ýeňşine saldamly goşant goşdy. Ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny 11-nji minutda Ganwula derweä girizip, ol hasaby deňlän gol bolupdy.



### PSŽ üçin umytlar azalýar

● Tapgyryň merkezi oýunlarynyň biri Münhende geçirilip, ýerli «Bawariýa» topary Fransiýanyň çempiony PSŽ-ni 1-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ýeke-täk goly 38-nji minutda derwezeçi Safonowyň ýalňyşlygyndan soň koreýaly goragçy Kim Min Çže geçirdi. «Bawariýa» topary PSŽ-ni yzly-yzyna 4-nji gezek gol geçirtmezden ýeňmegi başardy. Oýnuň 56-njy minutynda PSŽ-niň ýyldyzy Usman Dembele gyzyl kart aldy. Bu ýeňlişden soň 26-njy orna düşen PSŽ-niň ýaryşy dowam etdirmegi üçin galan 3 duşuşykda ýeňiş gazanmagy zerurdyr. PSŽ ispaniýaly tälimçisi Luis Enrikeniň ýolbaşçylygynda Çempionlar Ligasynda 17 oýunda 8-nji gezek utulyp, bu klubuň antirekordydyr.

### «Mançester Sitini» ýeňen «Sporting» topary «Arsenaldan» asgyn geldi

● Mundan öňki tapgyrda «Mançester Sitini» öz meýdançasynda 4–1 hasap bilen ýeňen «Sporting» bu gezek «Arsenaldan» 5-1 hasabynda asgyn geldi. Lissabonda oýnalan duşuşykda «Arsenalyň» gollaryny



Martinelli (7), Hawerts (22), Gabriel (45+1), Saka (65 p) hem-de Trossar (82) geçirdi. Ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny bolsa 47-nji minutda Inasio öz adyna ýazdyrdy.

Geçen möwsümi ýeňlişsiz tamamlan «Baýer» öz meýdançasynda «Red Bull Salsburgy» 5–0 hasap bilen ýeňip, garşydaşyny derbi-dagyn etdi. Wirtsiň 2 gol (8 p, 30) geçiren oýnunda beýleki gollary Grimaldo (11), Patrik Şik (61) hem-de Aleiks Garsiýa (72) derweä girizdi.

### «Milandan» soň «Liwerpuldanam» utuldy

● Mundan öňki tapgyrda öz meýdançasynda «Milandan» 3–1 hasabynda asgyn gelen «Real Madrid» birnäçe ýyldyz oýunçysynyň şikesi sebäpli oýnap bilmedik duşuşygynda «Liwerpuldan» hem utuldy. Başgaça aýdylanda, «Real Madride» özünden soň bu kubogy iň köp gazanan 2-3-nji toparlary ýeňmek başartmady. «Enfield» stadionynda geçirilen oýnuň 1-nji ýarymynda hasap açylmady. 2-nji ýaryma has erjel başlan «Liwerpul» 52-nji minutda Mak Allisteriň goly bilen öňe saýlandy. Oýnuň 61-nji minutynda ispan toparyna hasaby deňlemek üçin uly mümkinçilik boldy. Ýöne Kilian Mbappeniň ýerine ýetiren penaltisini derwezeçi Keller saklady. Oýnuň 70-nji minutynda bu gezek «Liwerpulyň» peýdasyna bellenen penaltini Mohamed Salah dürs urup bilmedi. Ýyldyz oýunçynyň urgusy derwezäniň sütüniniň golaýyndan meýdançanyň daşyna çykdy. Duşuşygyň 77-nji minutynda Kodi Gakpo burçdan ýerine ýetirilen urgyny kellesi bilen tora



girizdi we hasaby 2-ä çykardy. Şunlukda, «Liwerpul» topary «Real Madridi» taryhynda 4-nji gezek ýeňlişe sezewar etdi. Iňlis kluby ýeke utuk ýitirmän, sanawyň başyny çekip gelýär.

### PSW-niň taryhy kembegi

● Niderlandlaryň Eýndhowen şäherinde ýerli PSW bilen Ukrainanyň «Şahtýor Donesk» klublary duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda doneskliler 1-nji ýarymda Sykanyň 8-nji hem-de Zubkowyň 37-nji minutdaky gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Emma 68-nji minutda Henrikeniň gyzyl kart almagy duşuşygyň ykbalyny kesgitledi. Ruhdan düşmedik eýndhowenliler 87-nji minutdan soň 3 gol geçirip, taryhy kembek bilen ýeňşini baýram etdi. Oýnuň 87-nji we 90-njy minutlarynda Malik Tillman tapawutlanyp, hasaby deňlese, 90+5 minutda Rikordo Pepi toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. UÇL-de ilkinji gezek 87-nji minutda 2–0 yzda barýan topar 3–2 hasabynda ýeňiş gazandy.

Şeýle çekeleşikli geçen oýunlaryň ýene birinde hem kembek hasaba alnyp, Monte Karlo şäherinde ýerli «Monako» öz meýdançasynda «Benfikadan» 3–2 hasabynda asgyn geldi. Oýnuň 13-nji minutynda Monako Ben



Segiriň goly bilen hasaby açdy. 2-nji ýarymyň başynda Pawlidisiň goly bilen hasap deňlendi. 58-nji minutda oýunçysy Wilfred Singonyň gyzyl kart alandygyna garamazdan, «Monako» topary Magassanyň 67-nji minutdaky goly esasynda 2-nji gezek öňe saýlandy. Ýöne «Benfika» topary Anhel Di Mariýanyň hem erjel oýny esasynda «Monakodan» ýeňiş bilen dolanmagy başardy. Argentinaly ýyldyz oýunçynyň asist etmeginde 84-nji minutda Kabral tapawutlanyp, hasaby deňledi. Ýene-de Di Mariýanyň pasynda Zeki Amduni 88-nji minutda ýeňiş goluny geçirdi. Şunlukda, «Benfika» 3–2 hasabynda ýeňiş gazansa, «Monako» ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy.

### 60 ýyldan soň ilkinji gol, 23 ýyldan soň ilkinji ýeňiş

● Italiýada «Bolonýa» bilen «Lilliň» arasyndaky duşuşykda myhmanlar 2-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Fransuz klubuna ýeňiş getiren gollaryň 2-sini hem 44-nji we 66-njy minutlarda Ngal'aýel Mukau geçirdi. Ýer eýelerinden Jon Lukuminiň 63-nji minutdaky goly ýeňşe ýeterlik bolmady. Bu gol «Bolonýa» toparynyň 60 ýyldan soň bu ýaryşda geçiren ilkinji goly hökmünde hasaba alyndy.

Awstriýada «Şturm Gras» topary öz meýdançasynda «Žironany» Mika Bieretiň ýeke-täk goly bilen ýeňip, bu ýaryşda 23 ýyldan soň ilkinji ýeňşini gazandy.

Angliýada oýnalan «Aston Willa» bilen «Ýuwentusyň» arasyndaky duşuşykda hasap açylmady. Ýer eýelerinden M. Rojersiň 90+4-nji minutda geçiren goly VAR-yň görkezmesi bilen ofsaýt sebäpli hasaba alynmady.

Dortmundyň «Borussiýa» topary Zagrebde ýerli «Dinamonyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi.

| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Liwerpul | 5 | 5 | 0 | 0 | 12-1 | 15 |
| 2 | Inter | 5 | 4 | 1 | 0 | 7-0 | 13 |
| 3 | Barselona | 5 | 4 | 0 | 1 | 18-5 | 12 |
| 4 | Borussiýa D | 5 | 4 | 0 | 1 | 16-6 | 12 |
| 5 | Atalanta | 5 | 3 | 2 | 0 | 11-1 | 11 |
| 6 | Baýer | 5 | 3 | 1 | 1 | 11-5 | 10 |
| 7 | Arsenal | 5 | 3 | 1 | 1 | 8-2 | 10 |
| 8 | Monako | 5 | 3 | 1 | 1 | 12-7 | 10 |
| 9 | Aston Willa | 5 | 3 | 1 | 1 | 6-1 | 10 |
| 10 | Sporting | 5 | 3 | 1 | 1 | 10-7 | 10 |
| 11 | Brest | 5 | 3 | 1 | 1 | 9-6 | 10 |
| 12 | Lill | 5 | 3 | 1 | 1 | 7-5 | 10 |
| 13 | Bawariýa | 5 | 3 | 0 | 2 | 12-7 | 9 |
| 14 | Benfika | 5 | 3 | 0 | 2 | 10-7 | 9 |
| 15 | Atletiko Madrid | 5 | 3 | 0 | 2 | 11-9 | 9 |
| 16 | Milan | 5 | 3 | 0 | 2 | 10-8 | 9 |
| 17 | Mançester Siti | 5 | 2 | 2 | 1 | 13-7 | 8 |
| 18 | PSW | 5 | 2 | 2 | 1 | 10-7 | 8 |
| 19 | Ýuwentus | 5 | 2 | 2 | 1 | 7-5 | 8 |
| 20 | Seltik | 5 | 2 | 2 | 1 | 10-10 | 8 |
| 21 | Dinamo Zagreb | 5 | 2 | 1 | 2 | 10-15 | 7 |
| 22 | Feýenoord | 5 | 2 | 1 | 2 | 10-13 | 7 |
| 23 | Klub Brýugge | 5 | 2 | 1 | 2 | 4-7 | 7 |
| 24 | Real Madrid | 5 | 2 | 0 | 3 | 9-9 | 6 |
| 25 | PSŽ | 5 | 1 | 1 | 3 | 3-6 | 4 |
| 26 | Şahtýor Donesk | 5 | 1 | 1 | 3 | 4-8 | 4 |
| 27 | Ştutgart | 5 | 1 | 1 | 3 | 4-11 | 4 |
| 28 | Sparta Praga | 5 | 1 | 1 | 3 | 5-14 | 4 |
| 29 | Şturm Gras | 5 | 1 | 0 | 4 | 2-6 | 3 |
| 30 | Žirona | 5 | 1 | 0 | 4 | 4-9 | 3 |
| 31 | Srwena Zwezda | 5 | 1 | 0 | 4 | 9-17 | 3 |
| 32 | Red Bull Salsburg | 5 | 1 | 0 | 4 | 3-15 | 3 |
| 33 | Bolonýa | 5 | 0 | 1 | 4 | 1-7 | 1 |
| 34 | Leipsig | 5 | 0 | 0 | 5 | 4-10 | 0 |
| 35 | Slowan Bratislawa | 5 | 0 | 0 | 5 | 4-18 | 0 |
| 36 | Ýang Boýz | 5 | 0 | 0 | 5 | 2-17 | 0 |

**SPARTA PRAGA – ATLETIKO MADRID: 0-6**
/Alwares 15, 59, Llorente 43, Grizmann 70, Korrea 85, 89/
**SLOWAN BRATISLAWA – MILAN: 2-3**
/Barsegýan 24, Marçelli 88 — Pulişiç 21, Leao 68, Abraham 71/
**BAÝER – RED BULL SALSBURG: 5-0**
/Wirts 8 p, 30, Grimaldo 11, Şik 61, Garsiýa 72/
**ÝANG BOÝZ – ATALANTA: 1-6**
/Ganwula 11 — Retegi 9, 39, De Ketelare 28, 56, Kolaşinas 32, Samaržiç 90/
**BARSELONA – BREST: 3-0**
/Lewandowski 10 p, 90+2, Olmo 66/
**BAWARIÝA – PSŽ: 1-0**
/Kim Min Çže 38/
**INTER – LEIPSIG: 1-0**
/Lukeba 27 ö.d./
**MANÇESTER SITI – FEÝENOORD: 3-3**
/Holann 44 p, 53, Gündogan 50 — Hadj Mussa 75, Himenes 82, Hansko 89/
**SPORTING – ARSENAL: 1-5**
/Inasio 47 — Martinelli 7, Hawerts 22, Gabriel 45+1, Saka 65 p, Trossar 82/
**SRWENA ZWEZDA – ŞTUTGART: 5-1**
/Mwumpa 12, Kruniç 31, Iwaniç 65, Radonýiç 69, 88 — Demirowiç 5/
**ŞTURM GRAS – ŽIRONA: 1-0**
/Mika Bieret 58)
**MONAKO – BENFIKA: 2-3**
/Ben Segir 13, Magassa 67 — Pawlidis 48, Kabral 84, Zeki Amduni 88/
**ASTON WILLA – ÝUWENTUS: 0-0**
**BOLONÝA – LILL: 1-2**
/Lukumi 63 — Mukau 44, 66/
**SELTIK – KLUB BRÝUGGE: 1-1**
/Maeda 60 — Karter-Wikers 26 ö.d./
**DINAMO ZAGREB – BORUSSIÝA DORTMUND: 0-3**
/Gittens 41, Bensebiani 56, Girassi 90/
**LIWERPUL – REAL MADRID: 2-0**
/MakAllister 51, Gakpo 77/
**PSW – ŞAHTÝOR DONESK: 3-2**
/Tillman 87, 90, Pepi 90+5 — Sykan 8, Zubkow 37/




## SAUD ARABYSTANYNYŇ 3 KLUBY 1/8 FINALA ÇYKDY

AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda Günbatar sebitinde indiki tapgyrda çykyş etjek toparlaryň 3-si belli boldy. Olaryň 3-si hem Saud Arabystanynyň wekilleri bolup, «Al-Ahli», «Al Hilal» hem-de «Al Nassr» toparlarydyr. 3 klub hem 5-nji oýunlarda ýeňilmediler. «Al-Ahli» topary soňky çempion «Al Ain» toparyny Iwan Touniniň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. «Al Nassr» topary-da myhmançylykda Kataryň «Al-Garafa» toparyndan 3–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda 2 gezek tapawutlanan Kristiano Ronaldonyň 30 ýaşdan soň geçiren gollarynyň sany 450-ä ýetdi. «Al Hilal» topary-da myhmançylykda «Al Sadd» bilen duşuşyp, 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Ýer eýeleri myhmanlardan Al-Bulaihiniň 10-njy minutdaky goluna 71-nji minutda Otawionyň goly bilen jogap berdi.

Gündogar sebitinde-de sanawyň lideri Ýaponiýanyň «Wissel Kobe» toparynyň ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär. Olar öz meýdançasynda Awstraliýanyň «Sentral Koast Mariners» toparyndan 3–2 hasabynda üstün çykdy. Ondan 1 utugy kem «Gwanžu» topary Hytaýyň «Şanhaý Şenhua» toparyny Asaniniň ýeke-täk goly bilen ýeňmegi başardy.



Indiki duşuşyklar 2–3-nji dekabrda oýnalar. Her sebitde ilkinji 8 orny eýelän klublar ýaryşy dowam ederler.

**GÜNBATAR SEBITI**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Al-Ahli | 5 | 5 | 0 | 0 | 12-3 | 15 |
| 2 | Al Hilal | 5 | 4 | 1 | 0 | 17-6 | 13 |
| 3 | Al Nassr | 5 | 4 | 1 | 0 | 12-4 | 13 |
| 4 | Al Wasl | 5 | 3 | 1 | 1 | 7-5 | 10 |
| 5 | Al Sadd | 5 | 2 | 3 | 0 | 6-3 | 9 |
| 6 | Al-Raýýan | 5 | 1 | 1 | 3 | 5-8 | 4 |
| 7 | Esteglal | 5 | 1 | 1 | 3 | 3-6 | 4 |
| 8 | Al-Garafa | 5 | 1 | 1 | 3 | 7-11 | 4 |
| 9 | Persepolis | 5 | 0 | 3 | 2 | 3-5 | 3 |
| 10 | Pahtakor | 5 | 0 | 3 | 2 | 1-3 | 3 |
| 11 | Al-Şorta | 5 | 0 | 2 | 3 | 3-14 | 2 |
| 12 | Al Ain | 5 | 0 | 1 | 4 | 9-17 | 1 |

Al Ain – Al-Ahli: 1-2, Esteglal – Pahtakor: 0-0, Al-Garafa – Al Nassr: 1-3, Al-Raýýan – Persepolis: 1-1, Al-Şorta – Al Wasl: 1-3, Al Sadd – Al Hilal: 1-1

**GÜNDOGAR SEBITI**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Wissel Kobe | 5 | 4 | 1 | 0 | 9-3 | 13 |
| 2 | Gwanžu | 5 | 4 | 0 | 1 | 12-6 | 12 |
| 3 | Ýokohama F. Marinos | 5 | 3 | 1 | 1 | 16-9 | 10 |
| 4 | Kawasaki Frontal | 5 | 3 | 0 | 2 | 7-4 | 9 |
| 5 | Johor Darul Ta'zim | 5 | 2 | 1 | 2 | 9-6 | 7 |
| 6 | Şanhaý Şenhua | 5 | 2 | 1 | 2 | 8-7 | 7 |
| 7 | Şandun Taişan | 5 | 2 | 1 | 2 | 9-9 | 7 |
| 8 | Şanhaý Port | 5 | 2 | 1 | 2 | 9-11 | 7 |
| 9 | Buriram Ýunaýted | 5 | 2 | 1 | 2 | 3-9 | 7 |
| 10 | Phohan Stilers | 5 | 2 | 0 | 3 | 8-9 | 6 |
| 11 | S. Koast Mariners | 5 | 0 | 1 | 4 | 8-13 | 1 |
| 12 | Ulsan HD | 5 | 0 | 0 | 5 | 1-13 | 0 |

Wissel Kobe – S. Koast Mariners: 3-2, Ulsan HD – Şanhai Port: 1-3, Şandun Taişan – Johor Darul Ta'zim: 1-0, Buriram Ýunaýted – Kawasaki Frontal: 0-3, Gwanžu – Şanhaý Şenhua: 1-0, Ýokohama F. Marinos – Phohan Stilers: 2-0




